# INFORMATIKA
# WE
# INFORMASION TEHNOLOGIÝALAR

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan*

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
6-njy synp okuwçylary üçin
derslik

Üçünji neşir



DAŞKENT – «O'ZBEKISTON» – 2017

**UO‘K 004(075)**
**KBK 32-81**
**I-74**

A w t o r l a r   t o p a r y :

**B. Baltaýew, M. Mahkamow ,**

**A. Azamatow, S. Rahmankulowa**

S y n   ý a z a n l a r :

Daşkent informasion tehnologiýalar uniwersitetiniň professory, pedagogika ylymlarynyň doktory **F.M. Zakirowa**;

Daşkent şäheriniň Şaýhantahur tümenindäki 254-nji mekdebiň informatika mugallymy **H. Komilowa**.

# Şertli belgiler:


– *Soraglar we ýumuşlar*


– *Gönükmeler*


– *Öý işi*

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-01-447-3

© B. Baltaýew we başg., 2013, 2017
© «O‘ZBEKISTON» NÇDÖ, 2013, 2017

# SÖZBAŞY

*«Perzentlerimiz bize garanda bilimli, dana we hökman bagtly bolmalydyrlar».*

***I.A. Karimow***

Eziz okuwçylar! Siz 5-nji synp «Informatika we informasion tehnologiýalar» dersliginiň kömeginde häzirki zaman informasion tehnologiýa serişdelerinden biri bolan kompýuterden peýdalanmak boýunça başlangyç endiklere we başarnyklara eýe bolduňyz. Şunuň bilen birlikde, kompýuteriň – okatmagyň, hasaplamagyň, şekillendirmegiň, redaktirlemegiň, dynç almagyň hem-de maglumatlar bilen işlemegiň serişdesidigi hakynda düşünjä eýe bolduňyz.

Häzirki zaman informasion tehnologiýalar bilen doly işlemegi başarmak her bir ýaş nesle zerurdyr. Şu sebäpli, 6-njy synpda «Informatika» dersliginde size häzirki zaman kompýuterleriň maksatnama üpjünçiliklerinden biri bolan tekst bilen işlemek maksatnamalarynyň wezipeleri we mümkinçilikleri hakyndaky bilimler gyzykly we görkezmeli görnüşde berilýär.

Şu dersligiň kömeginde tekstleri döretmegi we resminamalary taýýarlamagy, redaktirlemegi we bezemegiň usullaryny kompýuterde amaly işleri ýerine ýetirmek esasynda öwrenersiňiz.

«Informatika we informasion tehnologiýalar» ylmy sizde kompýuter hemişelik kömekçi we zähmetiňizi ýeňilleşdirýän serişdedigi hakynda düşünje galdyrmak bilen birlikde, öz amaly işiňizde täze sepgitleri eýelemegiňize itergi bolup hyzmat eder, diýip pikir edýäris.

Eziz okuwçylar! Kompýuterde işleýän ylmy barlagçy bolup ýetişmegiňizde şu derslik kömek eder, diýip umyt edýäris.

## 1-nji ders

# TEKST REDAKTORLARY

**Eziz okuwçylar!** Siz 5-nji synpda klawiaturadan peýdalanmak we onuň kömeginde tekst ýazmak mümkinçiligi bilen tanyşdyňyz. Belki, ýazmak näme üçin gerek diýen soraga jogabyňyz hem taýýardyr. Bu dersde kompýuter tehnikasynyň ýazgy sungatyna goşan goşandy we mümkinçilikleri hakynda maglumat berilýär. Işe düşürlen **maksatnama**nyň monitorda görnüp duran bölegine onuň **interfeýsi** diýilýändigini ýatdan çykarmaň.

*Daýanç sözler*: **ýazgy, tekst redaktorlary, tekst prosessorlary.**

## ÝAZGY TARYHYNDAN

Taryhdan mälim bolşy ýaly, **maglumat**lary saklamagyň iň gadymy usullaryndan biri **ýazgy** hasaplanýar. Gadymky adamlaryň ýaşan gowaklaryň diwarlaryndaky surat we ýazgylar onuň aýdyň subutnamasydyr. Ýazgy sungaty asyrlaryň dowamynda üýtgemedi diýen ýalydyr. Diňe ýazuw serişdeleri barha kämilleşdi.

| | | | |
|---|---|---|---|
|  |  |  |  |
| Daş diwar | Daşlar | Deriler | Papirus |
|  |  |  |  |
| Kagyz we ýelek | Kagyz we pero | Kagyz we ruçka | Kagyz we maşinka |



Ýokardaky usulda taýýarlanan surat ýa-da teksti üýtgetmeli boldy: näme etmek mümkin, näçe wagt sarp bolýar, näçe zähmet sarp bolýar, harajat nähili?

## TEKST REDAKTORLARY BARADA MAGLUMAT

Kompýuteriň işläp taýýarlanmagy we ösüşi ýazgy sungatyny düýpgöter özgertdi. Tekstleri ýazmak, saklamak, gaýtadan işlemek, kagyza çap etmek ýaly işleri ýerine ýetirmäge gönükdirilen ençeme maksatnamalar işläp taýýarlandy. Bu maksatnamalar, esasan, **iki gör**nüşe bölünýär:




Meselem, size hödürlenýän şu derslik hem **tekst prossessory**nda ýazylan bolup, dürli **surat**lar, **jedwel**ler, **reňk**ler we başga **bezeg**lerden peýdalanylandygyny şu temadan hem görüp bilersiňiz.

Dürli kysymly kompýuterler üçin dürli tekst redaktorlary işläp taýýarlanan. Bir kysymly kompýuter üçin onlarça tekst redaktorlary işläp taýýarlanan. Meselem, Windows operasiýa ulgamynyň düzümine girizilen **Блокнот**, **WordPad** we başgalar. **Блокнот**, **WordPad** tekst redaktorlarynyň siz 5-nji synpda öwrenen **Paint** ýa-da **Калькулятор** maksatnamalary ýaly işe girizilýändigini ýatdan çykarmaň .

Ady ýa-da interfeýsi dürlüçe bolany bilen tekst redaktorlarynda işlemek tapawutlanmaýar diýen ýalydyr. Tekst redaktorlarynyň esasy elementleri bolan **iş meýdany, ýörgüç we menýu** aşakdaky suratda görkezilen.



***Iş meýdany.*** Tekst redaktory «iş meýdany» diýlip atlandyrylýan ýörite ýeri üpjün edýär. Işçi meýdany tekst ýazmak üçin sahypa wezipesini ýerine ýetirýär. Girizilýän tekst işçi meýdanynda görnüp durýar.

***Ýörgüç.*** Klawiaturadan girizilýän belgi işçi meýdanynyň niresinde bolmalydygyny görkezýär. Adatda, gorizontal ýa-da wertikal çyzyjak görnüşinde bolýar.

***Menýu setiri.*** Mahsus buýruklar we amallar toplumyna **menýu** diýilýär. Olaryň kömeginde tekstleri diskden okamak, diske ýazmak, çap etmek ýaly işler amala aşyrylýar.

Tekst redaktorlary, esasan, menýusy bilen bir-birinden tapawutlanýar. Menýudaky buýruk we amallar tekst redaktorlarynyň mümkinçiliklerini kesgitleýär. Olar näçe köp bolsa, tekst redaktorlarynyň mümkinçilikleri şonça ýokary bolýar.

Ähli tekst redaktorlary aşakdaky esasy wezipeleri ýerine ýetirýär:

1. Tekst ýazmak üçin täze faýl döretmek →
2. Teksti huşdan okamak →
3. Teksti huşda saklamak →
(başga atda, başga papkada) saklamak →
4. Teksti çap etmek →




5. Teksti redaktirlemek (belgiler, sözler, setirler, abzaslar ornuny çalşyrmak ýa-da öçürmek)

**Tekst redaktorynda ýa-da prosessorlarynda işlände aşakdaky adalgany bilmek zerurdyr:**
**Srift** (nemesçe) – bu elipbiý harplary (meselem, latyn, kirill, arap, grek we başg.), sifrler we dürli belgilerdir.

Şriftleri tapawutlandyrýan aýratynlyklaryna aşakdakylary mysal etmek mümkin.

| Şriftiň görnüşi | Tekstde görnüşi |
|---|---|
|  | Şriftiň görnüşi - Agency FB<br>Şriftiň görnüşi - Cambria<br>Şriftiň görnüşi - Calibri<br>Şriftiň görnüşi - Snap ITC<br>Şriftiň görnüşi - Magneto<br>Şriftiň görnüşi - Freestily Script<br>Şriftiň görnüşi - Times New Roman<br>Şriftiň görnüşi - Edwardian Script ITC |

| **Ýazuw şekli** (Times New Roman şrifti görnüşine laýyk) | **Tekstde görnüşi** |
|---|---|
| обычный | adaty (обычный) |
| *курсив* | *kursiw (курсив)* |
| **полужирный** | **galyň (полужирный)** |
| ***полужирный курсив*** | ***galyň kursiw (полужирный курсив,*** |

| **Ölçegi** | **Tekstde görnüşi** |
|---|---|
| 8 | Ölçegi - 8 |
| 9 | Ölçegi - 9 |
| 10 | Ölçegi - 10 |
| 11 | Ölçegi - 11 |
| 12 | Ölçegi - 12 |
| 14 | Ölçegi - 14 |

Şrifte degişli bu aýratynlyklar **Format** (Формат) menýusynyň **Şrift** (Шрифт) böluminden saýlanýar.

## *SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR*

1. Tekst ýazmak taryhy barada gysga maglumat beriň.
2. Блокнот maksatnamasyny işe giriziň we interfeýsi barada gysga maglumat ýazyň.
3. Tekst redaktorlarynyň esasy wezipelerini aýdyp beriň.
4. Tekst redaktorlarynyň esasy elementlerini aýdyň.
5. Windows iş stoly bilen Блокнот iş meýdany nämesi bilen tapawutlanýar?
6. Tekst redaktorlarynyň we tekst prosessorlarynyň mümkinçilikleri nämesi bilen tapawutlanýar?
7. Tekst redaktorlarynda menýu nähili wezipeleri ýerine ýetirýär?
8. Блокнот tekst redaktorynyň Файл menýusynyň buýruklarynyň wezipesini düşündiriň.
9. Çep sütündäki adalgalary sag sütündäki mazmunyna logik laýyklap goýuň.

| | |
|---|---|
| **Menýu setiri** | teksti huşdan okamak buýrugy |
| **Saklamak** | tekst ýazmak üçin sahypa |
| **Iş meýdany** | teksti huşa ýazmak buýrugy |
| **Açmak** | iş meýdanynda belgi ýerini görkezýär |
| **Ýörgüç** | mahsus buýruklar we amallar toplumy |

## *GÖNÜKMELER*

1. Блокнот tekst redaktorynda Watanymyzyň senasynyň birinji dörtlügini ýazyň. Teksti «Watanym Senasy» ady bilen saklaň. Şrift görnüşini «Cooper» we şrift ölçegini 16 ölçeg birliginde saýlaň. Faýly ýatda saklaň.
2. Блокнот tekst redaktoryny işe giriziň we «Watanym Senasy» atly faýly açyň. Tekstiň dowamynda Watanymyz senasynyň gaýtalamasyny ýazyň. Format menýusynyň Şrift bölüminiň kömeginde özüňize ýakan tekst görnüşini kesgitläň. Saýlanan görnüşiň artykmaçlyklaryny düşündiriň.
3. a) aşakdaky teksti ýazyň we «Tekst» ady bilen saklaň:
   Tekst – bu mazmun taýdan we grammatik baglanan pikiriň ýazma görnüşidir. Tekste girizilen sözlemler belli bir tertipde ýerleşýär.
   b) teksti aşakdaky görnüşe getirmek üçin Şrift aýratynlyklaryny üýtgediň:

*Tekst – bu mazmun taýdan we grammatik baglanan pikir ýöretmäniň ýazma görnüşidir.*

*Tekste girizilen sözlemler belli bir tertipde ýerleşýär.*

4. Depderiňize aşakdaky soraglara jogap bermek esasynda özüňiz barada «Terjimehal» sözbaşyly bäş abzasly tekst ýazyň:
   a) adyňyz familiýaňyz, haçan we nirede doglandygyňyz;
   b) 1-nji synpa haýsy ýylda, näçenji mekdebe bardyňyz, ýaşaýan ýeriňiz nähili;
   d) häzir näçenji synpda okaýarsyňyz, haýsy predmetlere gyzyklanýarsyňyz;
   e) ataňyzyň ady familiýasy, haçan we nirede doglan, häzir nirede işleýär;
   f) eneňiziň ady familiýasy, haçan we nirede doglan, häzir nirede işleýär?

## 2-nji ders

# MS WORD TEKST PROSESSORYNYŇ INTERFEÝSI

Türkmen dili dersinden bilşiňiz ýaly, harplardan sözler, sözlerden jümleler, jümlelerden sözlemler, sözlemlerden abzaslar, abzaslardan bolsa tekst alynýar. Sözler özara boş ýer galdyrylyp ýazylýar, sözlemler nokat, sorag ýa-da ýüzlenme belgisi bilen tamamlanýar. Sözlemiň dowamy sahypanyň giňligine sygmasa täze setire bogna bölünip geçirilýär. Abzaslar, adatda, täze setirden belli bir boş ýer galdyrylyp başlanýar.

*Daýanç sözler*: **tekst prosessorlary, resminama**, **format, şrift, söz, setir, abzas, tekst.**

## TEKST PROSESSORLARY BARADA

***Tekst prosessorlary*** tekstiň diňe bir mazmuny däl, eýsem daşky görnüşi-de uly ähmiýete eýe bolanda ulanylýar. Meselem, tekste dürli suratlary we jedwelleri ýerleşdirmek, belgileriň ölçegini, reňkini we görnüşlerini üýtgetmek we başgalar.

Tekst prosessorlary, adatda, resmi hatlar taýýarlananda köp ulanylýar. Tekst prosessorynyň kömeginde taýýarlanan tekst **resminama** diýlip atlandyrylýar.

Dürli tekst prosessorlarynda teksti bezemek üçin dürli kodlar ulanylýar. Şeýle ýagdaýlarda resminamalar her hili ***formata*** eýe diýilýär. Şu sebäpli ***formatlanan tekstli resminamalary*** bir tekst prosessoryndan başgasyna geçirmek hemişe başartmaýar.

Ýokarda agzalanlary hasaba alyp tekst görnüşindäki habarlary gaýtadan işlemek usullary we ýollaryny häzirki wagtda iň kämil tekst prosessorlaryndan biri bolan Microsoft Office-2010 maksatnamalar toplumyna girizilen **Microsoft Word 2010** (gysgaça **Word**) tekst prosessory mysalynda seredýäris. Ol gaty köp amallary ýerine ýetirip bilýändigi bilen başga tekst prosessorlaryndan tapawutlanýar. MS Worddaky buýruklaryň we amallaryň ýerine ýetirilişini saýlamak **syçanyň** kömeginde saýlamaga esaslanandyr.

MS Word bir wagtda birnäçe resminama bilen işlemäge mümkinçilik berýär. Her bir resminama size tanyş bolan **penjirä**niň ýörite işçi meýdanynda döredilýär. Penjireleriň ölçegi we ýerleşiş tertibini peýdalanyjy öz islegine görä kesgitleýär.

Microsoft Word tekst prosessorynyň häzirlikçe özbek we türkmen dillerindäki warianty ýok. Şu sebäpli onuň käte buýruk we görkezmeleriniň türkmen dilindäki aňlatmasy bilen bilelikde ýaýyň içinde rus dilindäki aňlatmasyny berip barýarys. Şonuň bilen birlikde, MS Word 2010 maksatnamasynda buýruklary özbek dilinde aňlatmak mümkinçiligi bardygyny nygtamak ýerliklidir.

## MS WORD MAKSATNAMASYNY IŞE GIRIZMEK WE ONDA IŞI TAMAMLAMAK

Microsoft Office 2010 maksatnamalar toplumynyň MS Word maksatnamasyny işe girizmek dürli usulda amala aşyrylmagy mümkin:

– meseleler paneline birikdirilen bolsa, piktogrammasynyň kömeginde;

– Windows iş stolunda döredilen bolsa, ýarlygynyň kömeginde;

– aşakdaky düwmeleri yzygiderlikde saýlamak arkaly:

**Пуск → Программы (ýa-da Все программы) → Microsoft Office → → Microsoft Word 2010**

Word maksatnamasynda işi tamamlamak üçin piktogrammasyny ýa-da faýl menýusynyň **Выход,** ýagny **Çykyş** buýrugyny saýlamak, ýa-da Alt + F4 klawişlerini bile basmak ýeterli.

## WORD INTERFEÝSI

Işe girizilen MS Word maksatnamasynyň interfeýsinde (aşakdaky surat) **sözbaşy setiri** 1, **menýular setiri** 2, **sahypa** 3**, iş meýdany** 4 we **halat setiri** 5 görünýär.

Sözbaşy setirinde Microsoft Word maksatnamasynda işlenýän resminamanyň ady, iş dowamynda örän köp ulanylýan düwmeleri özünde jemläp bilýän **çalasyn panel** 6 hem-de düwmeleri görünýär. Adatda, resminama at berilmedik bolsa, sözbaşy setirinde **Документ1** (**Resminama1**) ady görnüp durýar.




Menýular setirindäki her bir **menýu** özboluşly (ýokardaky suratda ştrih araçäkli dörtburçlugyň içinde görkezilen) **sahypa** bilen baglanan. **Sahypa**lar tekst prosessory bilen işlände amatly bolar ýaly hem-de müm-

kinçilik berýän düwmeleri öz içine alýar (Paint maksatnamasy enjamlar panelini ýada salyň). Amaly işleri ýerine ýetireniňizde, esasan, aşakdaky menýular sahypalaryndan peýdalanýarsyňyz: **Faýl** (Файл), **Baş** (Главная), **Goýmak** (Вставка), **Sahypany belgilemek** (Разметка страницы), **Görnüş** (Вид). Iş meýdanynyň ulurak bölegini görmek zerur bolsa, onda 7 düwmäniň kömeginde **sahypa**ny «ýygyp» goýmak hem mümkin.

**Sahypa**lar, öz gezeginde, ulanylýan obýektine hem-de wezipesine laýyk **at** bilen birleşdirilen düwmeleriň **logiki topar**laryndan ybarat. Meselem, ýokardaky suratda görkezilen **Baş (**Главная) menýusy sahypasy **Буфер обмена, Шрифт, Абзац, Стили** we **Редактирование** ýaly logiki toparlaryndan ybarat.

Her bir menýu resminama taýýarlamakda möhüm ähmiýete eýe. Meselem, sahypasy wertikal ugurda görünýän **Faýl** menýusynyň kömeginde işlenýän resminama faýlynyň üstünde aşakdaky amallary ýerine ýetirmek mümkin:




- (resminamany birinji gezek ýa-da häzir) saklamak;
- (başga atda ýa-da papkada) saklamak;
- (bar resminamany) açmak;
- (häzirki resminamany) ýapmak;
- häzirki resminama baradaky maglumatlar;
- ahyrky (görülen resminamalar);
- (täze resminama) döretmek;
- (resminamany) çap etmek;
- (resminamany) saklamak we ibermek;
- maglumat (almak);
- (maksatnamanyň) parametrleri;
- (maksatnamadan) çykmak.

Halat setiri peýdalanyja şu sahypadaky, resminamadaky jemi sahypalar sany, tekstdäki sözleriň mukdary, ýazuw dili we başgalar barada maglumat berýär.

## RESMINAMA DEGIŞLI ILKINJI ADALGALAR

Öňki dersde şrift adalgasy bilen tanşypdyňyz. Tekst prosessorlarynda işlände resminamalara degişli aşakdaky adalgalary hem bilmeli.

**Söz** belgileriň yzygiderligi bolup, olar bir-birinden probel, nokat, otur, nokatly otur, iki nokat, ýaý, tire, uzyn tire ýa-da goşadyrnak belgisi bilen tapawutlanýar.

**Setir –** bir çyzykda ýazylan sözler, harplar ýa-da belgiler yzygiderligi. Tekst prosessorlary setiriň ahyrynda söz ýa-da belgini täze setire awtomatik ýagdaýda geçirýär.

**Polýa –** sahypanyň gyrasynda arassa saklanýan bölek.

**Baş setir –** polýadan çekinmesi bolan setir.




**Abzas** (nemeçe: tekstiň bölümi) – baş setiri bolan setirler yzygiderligi. Bir pikir baradaky birnäçe sözlem aýry abzas görnüşinde aňladylýar. Abzaslar başgalaryndan çekinmesi, ýazgy täri (usuly, meselem, adaty, esasy, Sözbaşy1), interwaly (setirleriň arasynyn giňligi) bilen tapawutlanmagy mümkin. Täze abzasa geçmek ýa-da boş setir galdyrmak üçin Enter klawişi basylýar. Baş setir barada ýazylan bir sözlem hem, abzas barada ýazylan bäş sözlem hem abzasa mysal bolýar.

**Tekst** – abzaslar toplumy.

**Fragment** (latynça: bölek) – sungat eseri, tekstiň bölegi.

**Sahypa** – kitap ýa-da depder listiniň bir tarapy. Tekst prosessorlarynda sahypa bir list kagyza dogry gelýär.

**Format** (latynça: şekil berýärin) – ölçeg, ýazgy şekli, çyzgy görnüşi, interwaly anyklamak ýa-da başga görnüşleri bermek. Ýokarda getirilen şrift aýratynlyklary şriftiň formatyna mysal bolýar.

**Microsoft Word maksatnamasy berýän möhüm häsiýetlerden biri dowamlylyk bolup, soňky şrift öňki şrifti, soňky abzas öňki abzasy, täze sahypa öňki sahypanyň formatlaryny özünde doly saklap galýar.**

Tekst prosessoryndaky amallaryň käbirleri bilen **Paint** maksatnamasy arkaly tanşypdyňyz. Şonuň üçin hiç bir kynçylyksyz amalda ulanyp bileris. At berip saklanan resminama **Word** maksatnamasynda hem, adatda, **Paint** maksatnamasyndaky ýaly **Мои документы** (gysga ady **Документы** ) papkasynda saklanýar.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Tekst redaktorlaryna garanda tekst prosessorlarynyň artykmaçlygy nämede?
2. Tekst prosessorynda döredilen tekst nähili atlandyrylýar?
3. Word tekst prosessoryny işe girizmegiň usularyny amalda görkezip beriň.
4. Word tekst prosessorynyň interfeýsi barada gysga maglumat beriň.
5. Word tekst prosessorynyň sözbaşy setirinde nämeler görünýär?
6. Word tekst prosessorynyň Faýl menýusynyň amallaryny düşündiriň.
7. Word tekst prosessorynda sahypalar nähili wezipäni ýerine ýetirýär?
8. Word interfeýsi suratyndan şrift, setir, abzas ýaly düşünjelere mysallar getiriň.
9. Şu derslikden şrift, söz, setir, polýa, abzas ýaly düşünjelere mysallar görkeziň.
10. Word tekst prosessoryndaky dowamlylyk aýratynlygy barada aýdyp beriň.
11. Word maksatnamasynda saklanan resminama haýsy papka ýerleşýär?

## GÖNÜKMELER

1. Çep sütündäki adalgalar düşündirişini sag sütünden anyklaň.

| | |
|---|---|
| **Şrift** | sahypanyň gyrasyna arassa saklanýan bölek |
| **Söz** | abzaslar ýygyndysy |
| **Setir** | elipbiý harplary, sifrler we dürli belgileriň görnüşleri |
| **Polýa** | iki tarapdan probel bilen bölünen belgiler yzygiderligi |
| **Baş setir** | baş setiri bolan setirler yzygiderligi |
| **Abzas** | bir çyzykda ýazylan sözler, harplar ýa-da belgiler yzygiderligi |
| **Tekst** | polýadan çekilme bolan setir |

2. Nokatlaryň ýerine sag sütündäki belgilerden dogrusyny tapyp goýuň.

| | |
|---|---|
| Word meseleler paneli … piktogrammasynyň kömeginde işe düşýär |  |
| Word Windows iş stoly … ýarlygynyň kömeginde işe düşýär |  |
| Word maksatnamasynda işi tamamlamak üçin … piktogrammasy saýlanýar |  |

3. a) aşakdaky teksti ýazyň we «Abzas» ady bilen saklaň:
«Sözlemler diňe bir tema bilen däl, eýsem esasy taglymy bilen hem birleşdirilýär. Bir pikir baradaky birnäçe sözlem aýratyn abzas görnüşinde aňladylýar»;
b) tekstiň birinji sözleminde näçe şrift we söz bardygyny anyklaň;
d) teksti aşakdaky görnüşe getirmek üçin Şrift aýratynlyklaryny üýtgediň:

**Sözlemler diňe bir tema bilen däl, eýsem esasy taglymy bilen hem birleşdirilýär. Bir pikir baradaky birnäçe sözlem aýratyn abzas görnüşinde aňladylýar.**

4. Öýde taýýarlanan «Terjimehal» sözbaşyly bäş abzasly tekstiňizi Word tekst prosessorynda ýazyň. Ene dilindäki abzas düşünjesi bilen Worddaky abzas adalgasyny deňeşdiriň. Resminamany «Terjimehal» ady bilen saklaň.
5. Aşakdaky soraglara jogap bermek bilen depderiňize maglumat ýazyň:
a) agaňyz, iniňiz, doganyňyz, jigiňiziň adyny familiýasyny, olaryň haçan we nirede doglan, häzir nirede işleýärler ýa-da okaýarlar;
b) predmetlerden alan bahalaryňyz.

**3-nji ders**

## RESMINAMA DÖRETMEK WE SAKLAMAK

Wordda tekstli resminama döretmegiň we saklamagyň usullary köp bolup, olar ýagdaýa garap ulanylýar. Bu usullary ýatda saklamagyňyz üçin azajyk maşk etseňiz ýeterlidir.

*Daýanç sözler*: **resminama döretmek, klawiaturanyň halatlary, resminamany ýada ýazmak.**

# RESMINAMA DÖRETMEK

Tekstli resminama taýýarlamak üçin, ilki bilen, täze sahypa (iş meýdany) döredilýär. Microsoft Word tekst prosessorynda täze sahypa açylýar, meselem, aşakdakylardan biri esasynda amala aşyrylmagy mümkin:

1) işe düşürlen maksatnama Документ1 ady bilen täze resminama döretmegi teklip edýär;

2) Faýl menýusyndan **Döretmek** (Создать) buýrugy saýlanýar. Netijede tekst ýygmak üçin täze sahypa emele gelýär.

Şunuň bilen tekstli resminama taýýarlamak prosesi başlanýar.

Mälim bolşy ýaly, tekst sözlemlerden, sözlemler sözlerden, sözler bolsa harplardan düzülýär. Mundan başga-da, tekstde dyngy belgileri we ýörite belgiler hem ulanylýar. Bu belgileriň hemmesi klawiaturada bar. Şu sebäpli şol klawişleriň klawiaturada ýerleşiş tertibini näçe gowy bilseňiz, tekst ýygnamak şonça aňsat bolar. Munuň üçin gerekli belgili klawişleri yzygider basmak ýeterlidir. Basylan klawişe laýyk belgi işçi meýdanynyň ýörgüjiň (kursoryň) görkezip duran ýerine ýazylýar we ýörgüç bir orun saga süýşýär.

Käbir klawişler üstüne birnäçe belgi teswiri düşürlen bolýar (5-nji synp). Bu teswirler, adatda, ýa-da harplary, ýa-da mahsus belgileri aňladýar. Meselem:




Bu klawişlerden biri basylanda, onda görkezilen harp ýa-da mahsus belgilerden haýsy biri resminamada görünmegi klawiatura işleýän dil halatyna bagly. Klawiatura peýdalanyjy tarapyndan saýlanan, meselem:

| | | |
|---|---|---|
| EN Английский (США) | RU Русский | UZ Узбекский (кириллица) |

dil halatlaryndan birinde işleýän bolmagy mümkin. Dil halaty, adatda, **Meseleler paneli**niň sag tarapynda ýerleşýän dil panelinde görünýär. Dil panelinde ýokardaky 3 dil halatyna laýyk EN ýa-da RU, ýa-da UZ düwmelerden biri görnüp durýar.

Dil halatlaryndan geregini saýlamak aşakdaky usullardan birinde amala aşyrylmagy mümkin.




**1-nji usul. Syçanyň kömeginde.** Dil panelinde görnüp duran düwme saýlananda emele gelen (çepdäki suratdaky ýaly) saýlaw sanawyndan gerekli düwme saýlanýar.

**2-nji usul. Klawişleriň kömeginde.** Dil panelinde gerekli dil halatyna laýyk düwme görünýänçe **Alt** (ýa-da **Ctrl**) klawişini basyp durmak bilen **Şift** klawişini basmak gerekli gezek gaýtalanýar.

Klawiatura dil halatlaryndan daşary «**aşaky registr**» ýa-da «**ýokary registr**» halatlaryndan birinde bolýar. Kompýuter işe düşürlende, adatda, klawiatura aşaky registr halatynda bolýar.

Aşaky registr halatynda klawiş basylanda dil halatyna laýyklykda elipbiýiň kiçi harplary ýa-da klawişiň aşaky böleginde görünýän mahsus belgi ekrana çykarylýar.

Meselem, aşaky registrde:

| | | |
|---|---|---|
| B И | klawişi basylanda ekrana çykarylýan belgi | klawiatura latyn elipbiýi halatynda: b |
| | | klawiatura kirill elipbiýi halatynda: и |
| # № 3 | klawişi basylanda ekrana çykarylýan belgi | klawiatura latyn elipbiýi halatynda: 3 |
| | | klawiatura kirill elipbiýi halatynda: 3 |
| ? , /. | klawişi basylanda ekrana çykarylýan belgi | klawiatura latyn elipbiýi halatynda: / |
| | | klawiatura kirill elipbiýi halatynda: . |

Belgileri ýokary registr halatynda ekrana çykarmak üçin Şift klawişini basyp durup gerekli klawişler basylýar. Diýmek, klawiatura ýokary registr halatyna diňe Şift klawişi basyp durulanda geçýär. Eger Şift klawişi goýberilse klawiatura aşaky registr halatyna gaýdýar. Ýokary registrde dil halatyna laýyklykda elipbiýiň baş harplary ýa-da klawişleriň ýokary böleginde görünýän belgiler ekrana çykarylýar.

Meselem, ýokary registrde:

| | | |
|---|---|---|
| B И | klawişi basylanda ekrana çykarylýan belgi | klawiatura latyn elipbiýi halatynda: B |
| | | klawiatura kirill elipbiýi halatynda: И |
| # № 3 | klawişi basylanda ekrana çykarylýan belgi | klawiatura latyn elipbiýi halatynda: # |
| | | klawiatura kirill elipbiýi halatynda: № |
| ? , /. | klawişi basylanda ekrana çykarylýan belgi | klawiatura latyn elipbiýi halatynda: ? |
| | | klawiatura kirill elipbiýi halatynda: , |

Käte tekstiň käbir bölegini diňe baş harplarda ýazmaly bolýar. Beýle ýagdaýda, adatda, Caps Lock klawişinden peýdalanylýar. Bu klawiş basylanda klawiaturanyň sag ýokary böleginde **Caps Lock** indikatory ýanýar we klawiatura diňe **baş harplary girizýän halatyna** (**ýokary registr halatyna däl!**) geçýär. Caps Lock klawişi gaýtadan basylsa, **Caps Lock** indikatory öçýär hem-de klawiatura ýene kiçi harplary girizýän halatyna gaýdýar.

> Ýokary registrde ýazmak üçin Şift klawişini basmagy unutmaň!
> Diňe baş harplary ýazmak gerek bolanda Caps Lock klawişinden peýdalanyň!

Özbek elipbiýinde O‘, o‘, G‘ we g‘ harplaryny ýazmak meselesi bar. Bu harplary ýazmak üçin a) O, o, G, g harplardan geregi ýazylýar; b) probel basylýar we «‘» belgisi ýazylýar; d) probel öçürilýär. Şular ýaly ýazylan O‘, o‘, G‘ we g‘ harplary gatnaşýan özbek dilindäki sözler Word maksatnamasyndaky söz adalgasyna ters bolýar. Çünki, özbek dilindäki «bogun» sözi Word üçin 3 söze öwrülýär: «bo», «g» we «in».

## RESMINAMANY ÝADA ÝAZMAK

Döredilen resminamany ýada ýazyp goýmaly. Munuň üçin resminamany ahyryna çenli ýazyp bolýança garaşmak hökman däl. Adatda, tekstiň ýazylyp başlanmagy bilen ony diskde saklap, tekst ýazylyp tamamlanýança wagtal-wagtal ýada ýazmak maksada laýykdyr. Çünki dürli sebäplere görä kompýuteriň öçüp galmagy mümkin. Şonda diskde tekstiň ahyrky gezek ýada ýazylyp saklanan bölegi galýar.

Aýdylyp geçilişi ýaly, resminamany ýada ýazmak üçin, eger ol birinji gezek saklanýan bolsa, **Faýl** menýusyndan **Saklamak** (Сохранить) ýa-da «...**ýaly saklamak**» (Сохранить как …) buýrugy saýlanýar. Netijede Paint maksatnamasyndaky ýaly ekranda **Saklamak** gepleşik penjiresi emele gelýär.

Eger resminama birinji gezek ýada ýazylýan bolsa oňa hökman at bermeli. Munuň üçin:

➢ maksatnama tarapyndan hödürlenýän, meselem, Документ1 ýa-da resminamanyň birinji setirindäki tekst bölegi ýaly atda saklamak;

➢ peýdalanyjy tarapyndan berlen resminamanyň mazmunyna laýyk (meselem, tema degişli: Ata Watan – düzme ýa-da Häsiýetnamam ýa-da Laboratoriýa işi1; resminamanyň ulanylýan ugruna degişli: Ene dilinden düzme1 ýa-da Resminamalarym1 ýa-da Fizikadan lab1 ýaly) atda saklamak.

**Täze ýada ýazylýan resminama häzirki papkada öň saklanyp goýlan resminamanyň ady berlende maksatnamanyň «Заменить» (Çalşyrylsyn) teklibi kabul edilse, öňki resminama öçüp gidýär we ýerine täze resminama ýazylýar!**

Gerekli papka (**Папка**) saýlanyp, faýl ady (meselem, «**Informatika-referat**») ýazylýar we **Saklamak** (Сохранить) düwmesi basylýar. Nobatdaky, ýagny **häzirki saklamak**da, **Çalasyn panel**däki saklamak düwmesini basmak ýa-da faýl menýusyndaky **Saklamak** buýrugyny saýlamak ýeterli.

Eger öň saklanan faýly **başga at bilen ýa-da başga papkada saklamaly** bolsa, onda **Faýl** menýusyndan diňe «**...ýaly saklamak**» (Сохранить как...) buýrugy saýlanýar.

Ýazýan resminamaňyzy wagtal-wagtal saklap durmak ýadyňyzdan çykmasyn!

MS Word maksatnamasy hem kesgitli wagtda resminamany saklap durýar!

## *SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR*



1. Word maksatnamasynda täze resminama döretmek üçin nähili amallar ýerine ýetirilýär?
2. Haýsy menýu kömeginde täze resminama üçin sahypa döredilýär?
3. Täze resminama döretmegiň usullaryny amalda görkezip beriň.
4. Klawiatura nähili halatlarda bolmagy mümkin?
5. Klawiş basylanda ondaky haýsy belgi ekrana çykýar?
6. Aşaky registr we ýokary registr halatlarynda işlemegi amalda görkeziň.
7. Baş harplary ýazmak üçin goşmaça haýsy klawiş basylýar?
8. Diňe baş harplary ýazmaga haýsy klawişiň kömeginde geçilýär?
9. Resminamany ýada ýazmagyň usullaryny amalda görkeziň.

## *GÖNÜKMELER*



1. Öýde taýýarlan maglumatyňyzy «Terjimehal1» sözbaşyly resminamanyň dowamyna ýazyň. Resminamany «Terjimehal2» ady bilen saklaň. Maksatnamany ýapyň.

2. Microsoft Word maksatnamasyny işe giriziň. Resminama «Klawiatura işi» adyny beriň. Aşakdaky teksti alyň we maksatnamany ýapyň. №1: Resminamalar = ҲУЖжатлар = DOCUMENTS = ДокуМЕНТЫ; №2: Ýokary ReGiStR <> Bo‘G‘In KO‘CHIRISH = BOGna BÖLmek.
3. Microsoft Word maksatnamasyny işe giriziň. Resminama «Microsoft Word» tekstini ýazyň. Resminamany «Birinji atda saklamak» ady bilen saklaň. Maksatnamany ýapyň.
4. «Birinji atda saklamak» atly resminamany açyp tekstiň dowamyna maksatnama belgisini (2010) ýazyň we «Ikinji atda saklamak» ady bilen şol papkada saklaň. Maksatnamany ýapyň.
5. «Ikinji atda saklamak» atly resminamany açyp tekstiň dowamyna «da saklamak usullary» tekstini ýazyň. Resminamany «Ikinji atda başga papkada saklamak» ady bilen şol papkanyň içinde täze «Başga papka» atly papka döredip onda saklaň. Maksatnamany ýapyň.
6. Depderiňize «Meniň maşgalam» atly bäş abzasly tekst ýazyň. Tekst ýazmazdan öň her bir abzasda beýan edilýän mazmun barada plan düzüň. Düzen planyňyz hem depderiňizde bolsun.

## 4-nji ders

# WORDDA TEKST ÝAZMAGYŇ KADALARY

Tekst prosessorlarynda tekst ýazmak üçin diňe klawişleri basmagyň özi ýeterli däl. Wordda tekst öňünden pugta oýlanylan plan esasynda ýazylýar. Meselem, siz ýazan «Terjimehal» atly tekst hem belli bir soraglara jogap bermek arkaly taýýarlandy. Käbir resminama taýýarlamak planlaşdyrylanda resminama görnüşlerini, tekst ýazmagyň kadalaryny, resminamada hereketlenmegi, redaktirlemek mümkinçiliklerini bilmek möhümdir.

*Daýanç sözler*: **resminamanyň görnüşleri, tekst ýazmagyň kadalary, resminamada hereketlenmek.**

## RESMINAMANYŇ GÖRÜNÝÄN HALATLARY

Resminama bilen işlemek maksatlaryndan gelip çykyp Microsoft Word maksatnamasy **Görnüş** (Вид) sahypasy arkaly resminamany görkezmegiň birnäçe **görmek halatlary**ny hödürleýär:




**Sahypany belleme** (Разметка страницы) halatynda (A-surat) tekst, polýalar, suratlar we başga bölekler kagyza çap etmäge niýetlenen sahypadaky ýaly görnüşde görünýär.




**Okamak halaty** (Режим чтения) halatynda resminama ölçegleri ekran ölçeglerine laýyklykda üýtgeýär hem-de köp enjamlar görünmeýär. Bu halat resminamany okamakda gözüň kemräk ýadamagyny üpjün etmäge gönükdirilen.

**Web-resminama** (Веб-документ) halaty resminamany brauzer penjiresindäki ýaly görkezýär. Bu halatdan brauzerlerde (meselem, **Win-**



**dows** düzümindäki **Internet Explorer**de) görmek üçin Web-sahypa we Web-resminamalar taýýarlanda peýdalanmak amatly.

**Struktura** (Структура) halatynda (B-surat) resminama sözbaşylary resminamanyň strukturasyndaky bogunsiga laýyklykda süýşýär. Bu halat tekstiň düzümini görüp durmakda, tekstiň böleklerini nusgasyny döretmek, göçürip geçirmek ýoly bilen teksti gaýtadan döretmekde ulanylýar.

**Garalama** (Черновик) halaty teksti girizmek, redaktirlemek we formatlaşdyrmak üçin nazarda tutulan. Bu halat tekste köpräk üns bermek zerur bolanda peýdalanylýar. Garalama halatynda MS Worduň käbir elementleri görünmeýär.

Adatda, MS Word işe düşürlende **Sahypany belleme** görmek halaty görünýär. Amatlylyk üçin **Görmek** halatlaryny saýlamak mümkinçiligi **halat setiri**ne girizilen.

## TEKST ÝAZMAGYŇ KADALARY

Microsoft Word maksatnamasynda tekstdäki sözler sahypanyň sag araçägine ýetende soňky ýazylan söz täze setire awtomatik geçirilýär.

**Täze abzasa** geçmek üçin [Enter] klawişini basmaly.

• Islendik dyngy belgisinden soň probel klawişi basylmalydyr, dyngy belgilerinden öň probel basylmaýar.

• «**Berk probeli**» ýerleşdirmek üçin [Ctrl], [Şift], [probel] klawişleri bilelikde basylýar. Berk probel setiriň ahyrynda gatnaşýan jümle (meselem, A. Fozilow) bölünip galmazlygy üçin, ýagny bir setirde ýerleşmegi hökman bolanda ulanylýar.

• «**Defis**» (-) belgisi probellersiz ýazylýar, meselem: gawun-garpyz, egin-eşik.

• «**Tire**» (–) iki tarapdan probeller bilen bölünýär. Ony ýazmak üçin [Ctrl] we kömekçi klawişler toplumydan «tire» klawişleri bilelikde basylýar. Meselem, «Bahrom Mahkamow – synpymyzdaky iň gowy okaýan okuwçy».

• «**Uzyn tire**» (—) iki tarapdan probeller bilen bölünýär. «Uzyn tire» ýazmak üçin [Ctrl], [Alt] we kömekçi klawişler toplumyndan «tire» klawişleri bilelikde basylýar. Meselem, «Belent ruh — ýeňilmez güýç».

• «**Berk tireni**» ýazmak üçin [Ctrl], [Şift] we [-] klawişleri bilelikde basylýar. Berk tire setir ahyrynda ýazylan defis gatnaşýan söz (meselem, 5-nji synp) bölünip galmazlygy üçin, ýagny bir setirde ýerleşmegi hökman bolanda ulanylýar.

• «**Ýumşak tire**» ýumşak bogun göçürmek diýip hem atlandyrylýar. Tekst ýazmak prosesinde Microsoft Word maksatnamasy sözüň setire sygmadyk bölegini täze setire awtomatik bogna bölüp göçürýär, ýöne bu özbek diliniň grammatikasyna ters bolmagy mümkin, meselem, **atashadi** sözüni **atas-hadi** ýaly. Munda ýörgüji **atas-hadi** sözündäki «**s**» harpyndan saga ýerleşdirip «ýumşak tire» girizilýär, ýagny Ctrl we 0 sifriniň ýanyndaky - klawişleri bilelikde basylýar. Netijede **atashadi** sözi **ata-shadi** ýaly bogunlara bölünýär. Eger redaktirlände «ýumşak tire» kömeginde ýazylan söz dolulaýyn setire sygýan bolsa (ýagny, meselem, setire **atashadi** sözünden öň käbir söz goşulsa ýa-da setirde **atashadi** sözünden öň käbir söz öçürilse), onda ýumşak tire belgisiniň kömeginde bölünen bogundaky tire belgisi tekstde şu häsiýete görä görünmeýär. Ýönekeý usulda, ýagny peýdalanyjy tarapyndan tire ýerleşdirip bogna bölmek arkaly täze setire geçirilen sözlerde bolsa tire belgisi tekstde görnüp galýar.

• **Ýaýlar: (), dyrnaklar: ‘ ’** ýa-da **goşadyrnaklar: «»** içine alnan sözler olardan probeller bilen bölünmeýär, meselem: «Windows XP».

• **Rim sifrleri**ni ýazmak üçin I, V, X, L, C, M ýaly latyn harplaryndan peýdalanylýar.

## RESMINAMADA HEREKET ETMEK

Microsoft Word maksatnamasynda ýörgüç çalasyn klawişleriň kömeginde resminamada aşakdaky ýaly hereketlendirilýär:

• bir setirden ikinjisine ↑ ýa-da ↓ ýöneliş klawişleri;

• bir belgiden ikinjisine → ýa-da ← ýöneliş klawişleri;

• bir sözden ikinjisine Ctrl klawişini basyp durmak bilen → ýa-da ← klawişlerini basmak arkaly;

• bir abzasdan ikinjisine Ctrl klawişini basyp durmak bilen ↑ ýa-da ↓ klawişlerini basmak arkaly;

• bir sahypadan ikinjisine PageUp we PageDn klawişleri basmak bilen;

• setir başyna Home, setir ahyryna End klawişleri kömeginde;

• tekstiň başyna Ctrl + Home, tekstiň ahyryna Ctrl + End klawişleriniň kömeginde.

Microsoft Word maksatnamasynda resminamany «waraklama», ýagny öňki ýa-da soňky setirleri hem-de sahypalary wertikal sürgüjň kömeginde görmegiň aşakdaky mümkinçilikleri bar:




Çepdäki amallary ýerine ýetirmek üçin syçanyň görkezijisini suratda görkezilen ýerine ugrukdyryp çep düwmesini bir gezek basmak ýeterli. Bu amallary ýerine ýetirende ýörgüjiň ýeri üýtgemeýär.

## *SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR*

1. Word maksatnamasynda resminamany nähili görüş halatlary bar?
2. Word maksatnamasy işe düşürlende resminama nähili görüş halatynda görünýär?
3. Wordda tekst ýazanda täze abzasa nähili geçilýär?
4. Wordda uzyn tire ýazylyşyny amalda görkezip beriň.
5. Berk tire ýazylyşyny amalda görkezip beriň.
6. 1950 we 1963 sanlaryny Rim sifrlerinde ýazyň we düşündiriň.
7. Tekst boýunça ýörgüji hereketlendirmegi amalda görkezip beriň.
8. Teksti waraklamak üçin nähili usullar bar?
9. Tekst waraklananda ýörgüjiň nähili hereketlenişini amalda görkezip beriň.
10. Resminamada syçandaky tigirjik nähili wezipeleri ýerine ýetirýär?
11. Home, End, Ctrl+Home we Ctrl+End çalasyn klawişleriň kömeginde resminamada hereketlenmegi amalda görkezip beriň.

## GÖNÜKMELER

1. Çep sütündäki sahypa halatlarynyň aýratynlyklaryny sag sütünden anyklaň.

| | |
|---|---|
| **Sahypany belleme** | resminamanyň ölçegleri ekranyň ölçeglerine laýyklykda üýtgeýär. |
| **Okamak** | resminamanyň sözbaşylary resminamanyň strukturasyndaky bogunlara laýyklykda süýşýär. |
| **Struktura** | tekst, polýalar, suratlar we başga bölekler kagyza çap etmäge niýetlenen sahypadaky ýaly görnüşde görünýär. |

2. Öýde taýýarlan maglumatyňyz esasynda «Meniň maşgalam» sözbaşyly resminama drörediň. Resminamany «Meniň maşgalam» ady bilen saklaň. Maksatnamany ýapyň.
3. Word maksatnamasynda aşakdaky teksti ýazmak prosesinde her bir sözden soň «Berk probel» giriziň. Resminamany «Berk we ýumşak» ady bilen saklaň. Her bir sözi «ýumşak tire» kömeginde bogna bölüň. Netijäni derňäň.
   «Gaýtalanmaz hem ýeke-täksiň, ata Watanym – Özbegistanym!», «Ilim diýip, ýurdum diýip ýanyp ýaşamaly!», «Ylymgähim – buýsanjym!»
4. Depderiňize «Meniň Watanym – Özbegistan» atly bäş abzasly tekst ýazyň. Tekst 15 sözlemden kem bolmasyn. Tekst ýazmazdan öň her bir abzasda açyp görkezilen mazmun barada plan düzüň. Düzen planyňyz hem depderiňizde bolsun.

## 5-nji ders

# RESMINAMALARYŇ ESASY PARAMETRLERI

Word tekst prosessorynda iş başlanda ilki resminamanyň görnüşini göz öňüne getirmelidiris. Çünki, resminamanyň görnüşine garap kagyzyň ölçegi, sahypanyň ýönelişi, setirleriň arasyndaky aralyk öňünden kesgitlenilýär.

*Daýanç sözler*: **sahypanyň parametrleri, şriftiň parametrleri, abzasyň parametrleri.**

## RESMINAMANYŇ PARAMETRLERI

Biz durmuşymyzda dürlüçe resminamalara duşýarys. Meselem, doglanlyk hakynda şahadatnama, saglyk listine, lukmandan ýa-da okuw jaýyndan alnan maglumatnamalar, okuwçy tabeli we başgalar. Olar birbirinden diňe bir mazmuny bilen däl, eýsem başga taraplary bilen, şol sanda, resminamalaryň ölçeginde-de tapawutlanýar. Dürli resminamalar dürli ölçeglerdäki kagyza ýazylandygyny köp görensiňiz. Mundan başgada, tekst ýazylanda sahypanyň çep, sag, ýokary we aşaky böleginden dürlüçe aralyk galdyrylýar. Dürli resminamalarda setirleriň arasyndaky aralyk hem her hili bolmagy mümkin. Resmi hatlarda şular ýaly ýagdaýlar gaty köp duşýar.

Tekst prosessorlarynda taýýarlanýan resminamanyň görnüşine garap **sahypanyň parametrleri** we tekstiň parametrleri **(şrift, abzas)** bellenilýär. Olar **resminamalaryň parametrleri** (aýratynlyklary) diýlip atlandyrylýar.

## SAHYPANYŇ PARAMETRLERI

Resminamanyň sahypa parametrleri, esasan, resminamany çap etmek maksatlaryndan gelip çykyp saýlanýar. Sahypa parametrlerini saýlamagyň görnüşi aşakda görkezilen **Sahypany belleme** (Разметка страницы) sahypasynyň kömeginde amala aşyrmak amatly:




Bu sahypanyň **Sahypa parametrleri** (Параметры страницы) bölümindäki **Polýalar** (Поля) saýlaw sanawyndan *polýa ölçeglerini kesgitlemek*, **Oriýentasiýa** (Ориентация) saýlaw sanawyndan *sahypanyň* (kitap ýa-da albom) *ýönelişini kesgitlemek*, **Ölçeg** (Размер) saýlaw sanawyndan *kagyzyň ölçeglerini kesgitlemek*, **Sütün** (Колонки) saýlaw sanawyndan *sahypadaky sütünler sanyny kesgitlemek* mümkin:






Eger sahypanyň doly parametrlerini garap çykmak zerur bolsa, onda **Sahypa parametrleri** (Параметры страницы) gepleşik penjiresi açylýar. Bu gepleşik penjiresi Разметка страницы sahypasynyň Параметры страницы logiki toparyndaky düwmesi kömeginde açylýar. Gepleşik penjiresiniň gatlaklaryndan saýlanan parametrleriň güýje girmegi üçin gepleşik penjiresindäki **«OK»** düwmesi (syçanyň kömeginde) saýlanýar ýa-da Enter klawişi basylýar.

Polýa giňligini gorizontal we wertikal çyzgyjyň kömeginde üýtgetmek mümkinçiligi hem bar. Çyzgyçlar bolsa **Görnüş** (Вид) sahypasynyň **Görkezmek** (Показать) logiki toparyndan **Çyzgyç** (Линейка) obýekti saýlanansoň görünýär.




Sahypany has-da gözel we täsirli görkezmek üçin sahypa fonunyň reňki we araçäkleri üýtgedilmegi mümkin. Munuň üçin **Sanypany belleme** (Разметка страницы) sahypasynyň **Sahypa fony** (Фон страницы) bölümindäki **Sahypa reňki** (Цвет страницы) we **Sahypalar araçäkleri** (Границы страниц) mümkinçiliklerinden peýdalanylýar.

MS Wordda sahypa fonuna **bir tonly reňk** saýlamak ýa-da aşakdaky ýaly dürli **Boýamak usullary** (Способы заливки) ulanylmagy mümkin:




Sahypanyň araçägi üçin hem dürli mümkinçilikler bar bolup, adatda, dürli görnüşdäki, reňkdäki we galyňlykdaky çyzyklardan ýa-da suratlardan peýdalanylýar:




## ŞRIFTIŇ PARAMETRLERI

Şriftiň parametrleriniň Şriftiň görnüşi, ölçegi we ýazuw şekli bilen öňräk tanşypdyr. Şriftiň parametrlerini saýlamagyň käbir mümkinçilikleri **Baş** (Главная**)** sahypasynyň **Şrift** (Шрифт) logiki toparynda jemlenen:



## ABZASYŇ PARAMETRLERI

Abzasyň parametrlerini saýlamagyň käbir mümkinçilikleri **Baş** (Главная**)** sahypasynyň **Abzas** (Абзац) logiki toparynda jemlenen. Bu toparyň düwmeleriniň kömeginde **(1) abzasy dogurlama usuly** (çepden, ortadan, sagdan, sahypa giňligi boýunça), **(2) abzas setirleriniň aralygy** (bir, bir ýarym, iki, minimum, takyk, köpräk), **(3) abzas fony**, **(4) abzas araçägi**, abzasy **(5) markerleme** ýa-da **(6) tertipleme** ýa-da **(7) gatlaklama**, **abzas (8) çekilmesini kemeltmek** ýa-da **(9) artdyrmak**, belgilenen **(10) teksti (abzaslar toplumyny!) tertiplemek**, **(11)** formatlaşdyrmakdaky **görünmeýän belgileri görmezmek** mümkin.







Abzas boş ýeri we baş setiriň çekilmesini **Gorizontal çyzgyç** görkezijilerinden peýdalanyp ornatmak amatly. Munuň üçin gorizontal çyzgyçdaky çekilme görkezijileri syçanyň kömeginde gerekli ugra süýşürilýär.

## *SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR*

1. Resmi resminamalara mysallar getiriň.
2. Resminamanyň we tekstiň parametrlerini düşündiriň.
3. Sahypa ýönelişini üýtgetmegi amalda görkeziň.
4. Polýany belgilemegiň usullaryny amalda görkeziň.
5. Sahypa fonunyň 2 görnüşini saýlamagy amalda görkeziň.
6. Sahypa araçäginiň 2 görnüşini saýlamagy amalda görkeziň.
7. Abzas boş ýerini belgilemegiň usullaryny amalda görkeziň.

8. Siziň kompýuteriňizde şriftiň nähili görnüşleri bar?
9. Şriftiň ölçegini üýtgetmegiň usullaryny amalda görkeziň.
10. Birinji harp gyzyl reňkde ýazylan bolsa, sözüň soňky harplary nähili reňkde görünýär?
11. Setirleriň arasyndaky aralyk nähili üýtgedilýär?

## GÖNÜKMELER

1. «Terjimehal2» atly resminamada sahypa fonunyň reňkini, araçäk çyzyklaryny, sözlemleriň ölçeglerini, reňklerini, sözleriň şekillerini, abzaslaryň barlanyş usulyny we çekilmelerini üýtgediň.
2. «Meniň maşgalam» atly resminamada sahypanyň parametrlerinden albom sahypasyny saýlap, şriftiň dürli reňklerinden we ölçeglerinden peýdalanyň. Her bir abzas üçin dürli setir aralygyny we abzas çekilmesini saýlaň.
3. Täze resminama açyp aşakdaky görnüşdäki tekstleri dörediň we «Watanym» ady bilen saklaň.

*Watanym meniň* Ata Watan *Mähriban Watan* Garaşsyz Watan
WATAN ENE KIMIN MUKADDES Garaşsyz Özbegistan
Janajan Ö z b e g i s t a n y m Özbegistan gözel diýar

Ö z b e g i s t a n ene watanym

4. Öýde taýýarlan tekstiňiz esasynda «Meniň Watanym – Özbegistan» atly resminama taýýarlaň. Tekstiň mazmunyna laýyklykda abzaslara bölüň. Resminamany «Meniň Watanym – Özbegistan» ady bilen saklaň.
5. Depderiňize «Meniň dostlarym» atly bäş abzasly tekst ýazyň. Tekst ýazmazdan öň her bir abzasda açyp görkezilen mazmun barada plan düzüň. Düzen planyňyz hem depderiňizde bolsun.
6. Aşakda berlen sag sütündäki parametrleri çep sütündäki adalgalara täsir etmek mümkinçiligine laýyklykda depderiňize göçüriň.

<table>
<tr><td>Sahypa</td><td rowspan="4">reňki, ölçeg, galyňlyk, fon reňki, belgi aralygy, polýadan çekilme, ýazgy görnüşi, dogurlama, setirleriň arasyndaky aralyk, masştab, araçäk çyzygy, baş setir çekilmesi, markerlemek, görünmeýän belgiler, çyzgyç, tekstura, aşakçyzyk, süýşmek</td></tr>
<tr><td>Abzas</td></tr>
<tr><td>Söz</td></tr>
<tr><td>Şrift</td></tr>
</table>

6-njy ders

# RESMINAMALARY REDAKTIRLEMEK

Elde ýa-da ýazuw maşynkasynda ýazylan tekste düzediş girizmek kyn. Köp halatlarda düzediş girizilen tekst gaýtadan kagyza göçürilýär. Tekst redaktorlary we tekst prosessorlary bolsa tekstlere erkin düzedişler girizmäge mümkinçilik berýär. Tekstli resminama düzedişler girizmäge resminamany redaktirlemek diýilýär. Meselem, resminamany redaktirlemek prosesinde käbir belgi öçürilýär, çalşyrylýar ýa-da ýerleşdirilýär, tekstiň mälim bölegi öçürilýär, nusgasy göçürilýär ýa-da ýeri çalşyrylýar.

*Daýanç sözler*: **teksti redaktirlemek, belgi goşmak we öçürmek, blok, nusgasyny döretmek, göçürmek.**

## TEKSTE TÄZE BELGI GOŞMAK

Tekst ýazylanda ýalňyşlar goýberilen bolmagy ýa-da ýazmak prosesinde tiz-tiz pikir özgerip durmagy mümkin. Diýmek, umuman ýalňyşsyz ýazylan tekste hem düzedişler girizilýär. Teksti redaktirlände iň köp ýerine ýetirilýän işlerden biri bu artykmaç belgini öçürmek ýa-da düşüp galan belgini aralyga ýerleşdirmekdir.

Tekste täze belgileri girizmek aşakdaky ýaly ýerine ýetirilýär.

1. Ýörgüç tekstiň gerekli belgiler girizilmeli bolan ýerine ornaşdyrylýar:

| Teksti \|ýalňyş ýazmak möhüm |
|---|

2. Gerekli belgiler klawiaturada ýygylýar:

| Teksti ýalňyşsyz ýazmak möhüm! |
|---|

## TEKSTIŇ BÖLEGINI TAPAWUTLANDYRMAK

Tekstde tapawutlandyrylan käbir bölege **blok** diýilýär. Adatda, blok fon berlen ýaly reňki bilen tapawutlanýar. Tekstde blok tapawutlandyrmak **klawiaturanyň** ýa-da **syçanyň** kömeginde amala aşyrylmagy mümkin. Klawiaturanyň kömeginde blok tapawutlandyrmak üçin:

| | |
|---|---|
| Ýörgüç gerekli bölegiň (belgi, söz, setir ýa-da abzas, sahypa) birinji belgisiniň öňüne ýerleşdirilýär | Tapawutlandyrylmaly bölek. |
| Şift klawişini basyp durmak bilen [→] ýöneliş klawişi tekstiň gerekli bölegi tapawutlanýança basyp durulýar | Tapawutlandyrylmaly bölek. |

*Teksti doly tapawutlandyrmak üçin çalasyn* [*Ctrl*] + [*A*] *klawişleri basylýar.*

Syçanyň kömeginde blok tapawutlandyrmagyň esasy usullary:

| | |
|---|---|
| **Tapawutlandyrylmaly bölegiň** üstünde syçanyň çep düwmesi basylmak bilen hereketlendirilýär | **Syçandan peýdalanmak. Tekstiň tapawutlandyrylmaly bölegi.**  |
| **Söz** tapawutlandyrmak üçin görkeziji sözüň üstüne eltilen syçanyň çep düwmesi 2 gezek basylýar | **Syçandan peýdalanmak. Tekstiň tapawutlandyrylmaly bölegi.**   |
| **Abzas** tapawutlandyrmak üçin görkeziji abzasyň üstüne eltilen syçanyň çep düwmesi 3 gezek basylýar | **Syçandan peýdalanmak. Tekstiň tapawutlandyrylmaly bölegi.**   |
| **Sözlem** tapawutlandyrmak üçin [Ctrl] klawişini basyp durmak bilen görkeziji sözlemiň üstüne eltilen syçanyň çep düwmesi 1 gezek basylýar | **Syçandan peýdalanmak. Tekstiň tapawutlandyrylmaly bölegi.**   |

Bloguň üstünde dürli amallary (öçürmek, nusgasyny döretmek, göçürip geçirmek, formatlaşdyrmak we başg.) ýerine ýetirmek mümkin.

## RESMINAMADA ÖÇÜRMEK

Tekst ýazylanda ýalňyş ýazylan belgini öçürmek zerur bolýar. Eger resminamanyň söz, sözlem, setir ýa-da abzas ýaly bölegini öçürmeli bolsa, bu bölegi tapawutlandyryp [Delete] klawişini basmak ýeterli.

Tekstdäki bir ýa-da birnäçe belgini aşakdaky usullardan birinde öçürmek mümkin:

| Ýörgüç öçürilmeli bolan belgiden öň ýerleşdirilse, Delete klawişi basylýar | Ýörgüç öçürilmeli bolan belgiden soň ýerleşdirilse, ← Backspace klawişi basylýar |
|---|---|

Käte, tekstiň käbir bölegini tekstiň başga ýerine göçürip geçirmek gerek bolýar. Munuň üçin:

**1-nji usul**. Gerekli bölek bloga alynýar we **Baş** (Главная) sahypasy **Çalyşma buferi** (Буфер обмена) toparyndan  **Kesip aýyrmak** düwmesi saýlanýar. Netijede kesip alnan bölek **çalyşma buferi** diýilýän kömekçi ýatda wagtlaýyn saklanyp galýar. Indi kesip alnan bölek ýerleşdirilmeli bolan ýere ýörgüç ornaşdyrylýar we **Baş** (Главная) sahypasy **Çalyşma buferi** (Буфер обмена)  **Ýerleşdirmek** (Вставить) düwmesi saýlanýar.

**2-nji usul**. Gerekli bölek bloga alynýar we syçanyň çep düwmesini basyp durmak bilen gerekli ýere süýşürip geçirilýär.

## RESMINAMADA NUSGA DÖRETMEK

Nusga göçürmek üçin tekstiň nusga döredilýän bölegi bloga alynýar. **Baş** (Главная) sahypasy **Çalyşma buferi** (Буфер обмена) toparyndan  **Nusgasyny döretmek** (Копировать) düwmesi saýlanýar. Netijede belgilenen bölegiň nusgasy **çalyşma buferinde** saklanyp galýar. Indi nusga ýerleşdirilmeli bolan ýere ýörgüç ornaşdyrylýar we **Baş** (Главная) sahypasy **Çalyşma buferi** (Буфер обмена) toparyndan  **Ýerleşdirmek** (Вставить) düwmesi saýlanýar.

Microsoft Word maksatnamasy ýerleşdirilýän nusgany birnäçe usuldan birinde ýerleşdirmegi hödürleýär:




| Nusgasy alnan tekst | Forteksti saklap galmak | Formatlary birleşdirmek | Diňe teksti ýerleşdirmek |
|---|---|---|---|
| 6-*njy synp* **MS Word** | 6-*njy synp* **MS Word** | 6-*njy synp* **MS Word** | 6-njy synp MS Word |

## RESMINAMADA TAPMAK WE ÇALYŞMAK

Uly göwrümli tekstde käbir sözi (at ýa-da jümle) gözläp tapmaga we çalşyrmaga köp wagt sarplanýar. MS Word maksatnamasynda bu prosesi amala aşyrmak amatly bolmagy üçin **tapmak we çalyşma** (Найти и заменить) gepleşik penjiresi bar. Bu penjiräni çykarmak üçin Ctrl + F çalasyn klawişler jübütligini basmak ýa-da **Baş** (Главная) menýunyň **Redaktirlemek** (Редактирование) logiki toparyndan **Çalyşma** (Заменить) düwmesini saýlamak mümkin. Netijede **Tapmak** (Найти), **Tapmak we çalyşma** (Найти и заменить) hem-de **Geçmek** (Перейти) gatlaklaryndan ybarat aşakdaky görnüşdäki gepleşik penjiresi açylýar:




Bu penjiräniň **Найти:** meýdanyna agtarylýan söz, **Заменить на:** meýdanyna çalşyrylýan söz ýazylýar. Indi maksatdan gelip çykyp **Çalyşma** (Заменить), **Ählisini çalyşma** (Заменить все) ýa-da **Soňkusy tapylsyn** (Найти далее) düwmelerinden peýdalanylýar.

## *SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR*

1. Teksti redaktirlemek diýende nämäni düşünýärsiňiz?
2. Teksti redaktirlände ulanylýan amallary aýdyň.
3. Tekste «düşüp galan» belgiler nähili girizilýär?
4. Tekstdäki artykmaç belgi nähili öçürilýär?
5. Blok diýende nämäni düşünýärsiňiz?
6. Tekst bölegini bloga almak usullaryny amalda görkeziň.
7. Tekstiň tapawutlandyrylan böleginiň üstünde nähili amallary ýerine ýetirmek mümkin?
8. Tekstiň tapawutlandyrylan böleginden nusga döretmek näme we ol nähili amala aşyrylýar?

9. Setiri, sözlemi we teksti bloga almagyň ähli usullaryny amalda görkezip beriň.
10. Resminamada ýörgüjiň öňündäki belgi nähili öçürilýär? Soň duran belgi nähili?
11. Resminamanyň söz, sözlem, setir ýa-da abzas ýaly bölegi nähili öçürilýär? Amalda görkezip beriň.
12. Tekstdäki köp gezek gatnaşýan sözi başga söze nähili çalşyrmak mümkin? Amalda görkezip beriň.
13. **Tapmaly we çalyşma** (Найти и заменить) gepleşik penjiresiniň **Geçmek** (Перейти) gatlagynyň mümkinçiliklerini özbaşdak derňäň we aýdyp beriň.

## *GÖNÜKMELER*

1. «Terjimehal2» atly resminama böleklerinden nusga göçürip «Meniň maşgalam» atly resminamany dolduryň.
2. MS Word maksatnamasyny işe giriziň. Aşakdaky teksti ýazyp «**Ýalňyş**» ady bilen saklaň we maksatnamany ýapyň:
   Bis(2) karo(3) bush(1) – yigrima(2) bech(1)[10]. Koputirlan(5) boquvshi(5) asiy(2) dastunin(2) naomi(1) – «Wundo(3) XP»[19]. Pulz(2) eknlayiga(2) tawz(2) qouni(2) msol(1) qlich(2) mukin(1)[15]. Anton(2) sözla(1): balaan(2) – pust(1), yqari(2) – quy(1), uzn(1) – quyqa(2), dona(1) – yamoq(2), bog'lam(2) – kasr(2)[22].
3. MS Word maksatnamasyny işe giriziň. «**Ýalňyş**» atly resminamany açyň. Tekstde sözden soňky ýönekeý ýaýyň içinde sözdäki ýalňyşlar sany, sözlemiň ahyryndaky kwadrat ýaýyň içinde sözlemdäki ýalňyşlar sany görkezilen. Resminamany «**Ýalňyş-redaksiýa**» ady bilen gaýtadan saklaň. Teksti redaktirläň. Resminamany saklaň. Maksatnamany ýapyň.
4. Depderiňizdäki «Meniň dostlarym» atly tekstiň dowamyna dostlaryňyzyň geljekki arzuwlary, gyzyklanmalary, eýelemekçi bolan kärleri, okan çeper kitaplary barada maglumat goşuň. Zerur bolsa teksti redaktirläň.
5. Aşakdaky testleri derňäň we jogabyny anyklaň.
   1) MS Wordda söze mahsuz aýratynlyklary anyklaň.
   A) belgileriň yzygiderligi;
   B) yzygiderlikler bir-birinden probel belgisi bilen tapawutlanýar;
   D) yzygiderlikler bir-birinden tire belgisi bilen tapawutlanýar;
   E) ähli jogaplar dogry.
   2) MS Wordda täze abzasa geçmek üçin … klawişi basylýar.

A) Şift; B) Enter; D) Esc; E) F1.

3) Blok diýip nämä aýdylýar?

A) tekstde tapawutlandyrylan 7 belgi;

B) tekstde tapawutlandyrylan käbir bölek;

D) tekstiň tapawutlandyrylan 7 setiri;

E) tekstiň tapawutlandyrylan 7 abzasy.

## 7-nji ders
# RESMINAMANY FORMATLAŞDYRMAK

Öň aýdylyşy ýaly, tekst prosessorlarynda resminamanyň daşky görnüşi gözel bolmagy üçin şrift görnüşi, ölçegi, reňki we abzas dogurlanyşy, araçäk çyzmak ýaly bezegler bilen baýlaşdyrylmagy mümkin. Şular ýaly amallary ýerine ýetirmäge **resminamany formatlaşdyrmak** diýilýär. Formatlaşdyrmak şrifte, tekste ýa-da abzasa ulanylmagy mümkin. Bu dersde formatlaşdyrmaga degişli amallar bilen tanyşarsyňyz.

*Daýanç sözler*: **teksti formatlaşdyrmak, abzasy formatlaşdyrmak, sahypa formaty, sahypanyň tertip nomeri.**

## TEKSTI FORMATLAŞDYRMAK

Tekstdäki şriftiň reňki, çyzgy görnüşi, ölçegi, ýazuw şekli we başga formatlary aşakdaky ýaly saýlanýar:

1) formatlaşdyrylmaly bölek tapawutlandyrylýar, ýagny **blog**a alynýar;

2) aşakdaky A ýa-da B bölümleriň biri ulanylýar:

A) ilki görülen **Baş** menýunyň **Şrift** logiki toparyndan gerekli aýratynlyklar saýlanýar;

B) **Şrift parametrleri** gepleşik penjiresiniň mümkinçiliklerinden peýdalanylýar. Bu gepleşik penjiresi **Şrift** logiki toparyndaky ↘ belgisiniň kömeginde açylýar**.** **Şrift** gepleşik penjiresi **Şrift** (Шрифт) we **Goşmaça** (Дополнительно) gatlaklaryndan ybarat.




| **Şriftiň parametrleri (aýratynlyklary)** | |
|---|---|
| 1) şriftiň görnüşi | 2) şriftiň ýazgy şekli |
| 3) şriftiň ölçegi | 4) şriftiň reňki |
| 5) aşakçyzyk görnüşi | 6) aşakçyzyk reňki |
| 7) şriftiň görnüşi | 8) tekste degişli dürli effektler |

Şriftiň parametrleri gepleşik penjiresiniň **Goşmaça** (Дополнительно) gatlagyndaky **Belgilerara aralyk** (Межзнаковый интервал) bölümi

**Masştab** (Масштаб), **Aralyk** (Интервал), **Süýşmek** (Смещение) ýaly saýlaw meýdançalaryndan ybarat. **Masştab göterimi** belginiň (şrift ölçegini däl) sahypada görünýän gerimini artdyrýar ýa-da kemeldýär. **Aralyk punkty** belgileriň arasyndaky boşlugy artdyrýar ýa-da kemeldýär. **Süýşmek punkty** belgileri setire görä ýokary ýa-da aşak süýşürýär. Meselem:

| | |
|---|---|
| Masştab: iki söz 100%, Aralyk: Обычный (Adaty) | Şrift parametrleri |
| Masştab: birinji söz 200%, ikinji söz 100% | Şrift parametrleri |
| Aralyk: birinji söz Разреженный (Seýrek) 3 punkt | Ş r i f t parametrleri |
| Süýşmek: birinji söz Вверх (Ýokary) 3 punkt | Şrift parametrleri |

## ABZASY FORMATLAŞDYRMAK

Abzasy formatlaşdyrmak üçin:

1) ýörgüç şu abzasa ýerleşdirilýär;

2) aşakdaky A ýa-da B, ýa-da C bölümleriň biri ulanylýar:

A) öň görülen **Baş** menýunyň **Abzas** logiki toparyndan gerekli aýratynlyklar saýlanýar;

B) **Sanypany belleme** (Разметка страницы) menýusynyň **Abzas** ýa-da **Baş** menýunyň **Uslublar** (Стили) logiki toparyndan gerekli aýratynlyklar saýlanýar:






| Aýratynlyklar | Saýlamak ýeri |
|---|---|
| 1) abzas dogurlama usulyny saýlamak (çepden, ortadan, sagdan, sahypa giňligi boýunça) |  |
| 2) tekst derejesini üýtgetmek (adaty, esasy tekst, dürli sözbaşy derejelerini saýlamak) |   |
| 3) abzasyň çep polýadan çekilmesini üýtgetmek |   |
| 4) abzasyň sag polýadan çekilmesini üýtgetmek |   |
| 5) baş setiri abzasyň galan setirlerine görä **çekilme** (ýa-da **çykyş**) usulyny saýlamak | **Çyzgyç** |
| 6) baş setiri abzasyň galan setirlerine görä çekilme aralygyny saýlamak | **Çyzgyç** |
| 7) abzasdan öň taşlanýan aralygy anyklamak (punkt hasabynda) |   |
| 8) abzasdan soň taşlanýan aralygy anyklamak (punkt hasabynda) |   |
| 9) abzas setirleriniň aralygyny saýlamak (bir, bir ýarym, iki, minimum, takyk, köpräk) |  |
| 10) abzasa awtomat ýagdaýda çekmek (sanaw almak ýaly) |  |

C) **Abzasyň parametrleri** gepleşik penjiresiniň mümkinçiliklerinden peýdalanylýar. Bu gepleşik penjiresi **Abzas** logiki toparyndaky  belgisiniň kömeginde açylýar**.** Gepleşik penjiresi abzasyň doly parametrlerini **Абзац** gepleşik penjiresiniň 2 **Çekilmeler we aralyklar** (Отступы и интервалы) we **Sahypadaky halaty** (Положение на странице) gatlaklarynda görünýär.

## SAHYPANYŇ TERTIP NOMERI

Sahypanyň esasy aýratynlyklary öň görlüpdi. Sahypanyň aýratynlyklaryndan ýene biri sahypanyň tertip nomeridir. Sahypalara tertip nomeri bermek üçin **Ýerleşdirmek** (Вставка) sahypasy **Kolontitullar**

(Колонтитулы) toparynyň **Sahypanyň tertip nomeri** (Номер страницы) düwmesi saýlanýar. Netijede tertip nomeri ýeri we formatyny anyklama-ga degişli aşakdaky teklipler görünýär:




Bu tekliplerden biri kabul edilse, dürli formatdaky mümkinçilikler açylýar. Adatda, sahypanyň tertip nomeri sahypanyň aşagyna goýulýar.



## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Resminamany formatlaşdyrmak diýende näme düşünilýär?
2. Tekstiň tapawutlandyrylan bölegindäki ýazuw görnüşini üýtgetmegi amalda görkeziň.
3. Tekstiň tapawutlandyrylan böleginiň şrift ölçegini we reňkini üýtgetmegi amalda görkeziň.
4. Teksti formatlaşdyrmak diýende näme düşünilýär?
5. Teksti formatlaşdyrmak mümkinçiliklerini amalda görkezip beriň.
6. Abzas formatlaşdyrylanda nähili aýratynlyklary üýtgeýär?
7. Abzasy formatlaşdyrmak mümkinçiliklerini amalda görkezip beriň.
8. Sahypa dürli görnüşde ramkalar bermek mümkinçiliklerini amalda görkezip beriň.
9. Sahypa tertip nomerini ýerleşdirmek mümkinçiliklerini amalda görkezip beriň.



## GÖNÜKMELER

1. «Meniň Watanym – Özbegistan» atly resminamanyň sahypa, şrift we abzas formatlaryny üýtgediň. Tekstdäki ähli «Özbegistan» sözleri mawy reňkde bolsun. Resminama sahypanyň tertip nomerini goýuň.
2. «Terjimehal2» we «Meniň maşgalam» atly resminamalaryň formatyny üýtgediň. Her bir resminama üçin aýratyn usulda sahypanyň tertip nomeri goýuň.

3. Aşakdaky görnüşde tekst drediň we resminamany «Formatlaşdyrmak» ady bilen saklaň:

**Taýýar** tekst *bölegini* formatlaşdyrmak üçin **blokdan** **peýdalanmak** **mümkin**. Munuň üçin **tekst** bölegi tapawutlanýar we gerekli formatlaşdyrmaklar ýerine ýetirilýär. Tekst bölegine formatlaşdyrmagy ulanmak üçin aşakdaky mümkinçiliklerden hem peýdalanmak mümkin:

a) sözi formatlaşdyrmak üçin **ýörgüç** sözüň içine **ýerleşdirilse** ýeterli;

b) abzasy **formatlaşdyrmak** üçin **ýörgüji** abzasyň içine ýerleşdirmek ýeterli.

4. Depderiňize «Döwletimiziň baýdagynyň häsiýetnamasy» atly tekst ýazyň. Tekst ýazmazdan öň plan ýazyň. Tekstiň ahyrynda tekstdäki sözlere täsir etdirilýän şrift we abzas aýratynlyklary, sahypa täsir etdirilýän sahypa aýratynlyklaryny görkezip geçiň.

**8-nji ders**

## RESMINAMANY REDAKTIRLEMÄGE WE FORMATLAŞDYRMAGA DEGIŞLI GÖNÜKMELER

1. Öýde taýýarlan tekstiňiz esasynda «Meniň dostlarym» atly resminama taýýarlaň. Tekstiň mazmunyny redaktirläň we resminama (sahypa, abzas, şrift) formatyny üýtgediň. Resminamany «Men we dostlarym» ady bilen gaýtadan saklaň.
2. Öýde taýýarlan tekstiňiz esasynda «Döwletimiziň baýdagynyň häsiýetnamasy» atly resminama taýýarlaň. Resminamany redaktirläň we planyňyz esasynda (sahypa, abzas, şrift) formatyny üýtgediň.
3. MS Wordda aşakdaky temalardan birine laýyk gelýän kiçi hekaýa ýazyň, şu atda saklaň, redaktirläň we (sahypa, abzas, şrift) formatyny üýtgediň.
   a) «Salam, Nowruz!»
   b) «Altyn güýz».
   d) «Suw ýaşaýşyň çeşmesi».
   e) «Sagdyn tende sag akyl».
4. Aşakdaky temalardan birini saýlap depderiňize şu atda tekst ýazyň. Tekstiň ahyrynda tekstdäki sözlere täsir etdirilýän şrift we abzas

aýratynlyklary, sahypa täsir etdirilýän sahypa aýratynlyklaryny görkezip geçiň.

a) «Meniň mekdebim».
b) «Kitap bilim çyragy».
d) «Mekdep bilim ojagy».

5. Aşakdaky testleri derňäň we jogabyny anyklaň.

1) MS Wordda tekst ýazmagyň kadalarya degişli dogry pikir ýöretmäni tapyň.
A) setiriň ahyryna geçmek üçin Home klawişi basylýar;
B) täze abzasa geçmek üçin ENTER klawişi basylýar;
D) setiriň başyna geçmek üçin ENTER klawişi basylýar;
E) ähli jogaplar dogry.

2) MS Wordda tekst ýazmagyň kadalaryna degişli dogry pikir ýöretmäni tapyň.
A) berk probel ýerleşdirmek üçin Ctrl+Şift+Probel klawişleri bilelikde basylýar;
B) defis belgisi probellersiz ýazylýar;
D) uzyn tire iki tarapyndan probeller bilen goýulýar;
E) ähli jogaplar dogry.

3) MS Word resminamalarynda setiriň ahyryna geçmek nähili ýerine ýetirilýär?
A) Ctrl+Home klawişlerini basmak arkaly;
B) Home klawişini basmak arkaly;
D) End klawişiniň kömeginde;
E) Ctrl+End klawişleriniň kömeginde.

4) Resminamany doly tapawutlandyrmak nähili amala aşyrylýar?
A) Ctrl+A klawişleri bilelikde basylýar;
B) Alt+A klawişleri bilelikde basylýar;
D) Ctrl+Alt+A klawişleri bilelikde basylýar;
E) Şift+A klawişleri bilelikde basylýar.

5) Wordda şrift formatyna nämeler girýär?
A) reňki; B) ölçegi;
D) çyzgy görnüşi; E) ählisi.

6) Şrift sözüni galyň ýazuw görnüşinde berlen jogaby tapyň.
A) **Şrift**; B) *Şrift*; D) Şrift; E) Şrift.

7) Abzas setirleriniň arasyndaky aralygy saýlamak haýsy düwmäniň kömeginde amala aşyrylýar?

A)  B)  D)  E) 

9-njy ders

# RESMINAMALARDA SURATLAR BILEN IŞLEMEK

Käbir resminamalar taýýarlananda jedwellerden we suratlardan hem peýdalanylýar. Gazet, žurnal ýa-da kitap sahypalarynda şeýle ýagdaýa köp duşansyňyz. Şol sanda, eliňizdäki dersligiň sahypalarynda-da dürli suratlar we jedweller bar. Dürli çyzgylar we suratlar resminamalaryň görkezmeli, gyzykly we düşnükli bolmagyna hyzmat edýär.

*Daýanç sözler*: **şekil, surat ýerleşdirmek, suratyň formaty.**

## SURAT ÝERLEŞDIRMEGIŇ MÜMKINÇILIGI

Tekstiň mazmunyny baýlaşdyrmak maksadynda resminama suratlar ýa-da fotosuratlar ýerleşdirmek mümkin. Munuň üçin ilki ýörgüç surat ýerleşdirilmeli bolan ýere ornaşdyrylýar, soň **Ýerleşdirmek** (Вставка) sahypasynyň **Illýustrasiýalar** (Иллюстрации) toparyna ýüzlenilýär.




Suratlar 2 hili çeşmeden ýerleşdirilmegi mümkin:

| | |
|---|---|
| MS Word kolleksiýasyndan | **Şekil** (Картинка) düwmesiniň kömeginde |
| Surat faýlyndan | **Surat** (Рисунок) düwmesi kömeginde |

## KOLLEKSIÝADAKY ŞEKILI RESMINAMA ÝERLEŞDIRMEK




Kolleksiýadaky şekilleri resminama ýerleşdirmek üçin **Illýustrasiýalar** (Иллюстрации) toparyndaky Şekil (Картинка) düwmesi saýlanansoň penjiräniň sag böleginde şekilleri we eskizleri saýlamak üçin wezipeler çägi açylýar.

Adatda, wezipeler çäginiň **Obýektleri agtarmak** (Искать объекты) saýlaw

meýdançasynda **Ähli multimedia faýllary** (Все файлы мультимедиа) görnüp, maksatnama tarapyndan ýerleşdirilmegi nazarda tutulan illýustrasiýalar we fotosuratlar saýlanan bolýar:




Wezipeler çägindäki **Başlamak** (Начать) düwmesi saýlananda kolleksiýadan saýlanan görnüşlere laýyk ähli suratlar eskizler görnüşinde görünýär. Surat ýerleşdirmek üçin eskizleri waraklap syçanyň kömeginde gereklisiniň saýlanmagy ýeterlidir:




Saýlamak netijesi:

MS Word kolleksiýasyndaky suratlar temalar boýunça toparlara baglanan bolup, bu baglanyşygy syçanyň görkezijisi eskize gönükdirilende görünýän düşündirişden (ýokardaky suratda tema: дома, здания, озера, реки) görmek mümkin.

Şeýle toparlama käbir tema boýunça suratlary agtarmaga mümkinçilik berýär. Aşakdaky surat saýlaw meýdançasyna **kär** (профессия) temasy girizilmegi esasyndaky gözleg netijesini görkezýär (Искать**:** профессия):




Ýüzden gowrak suratlaryň içinden gereklisini gözläp tapmagy çaltlandyrmak üçin olary temalar boýunça gözden geçirmek maksada laýyklygy tebigydyr.

## RESMINAMA SURATY FAÝLDAN ÝERLEŞDIRMEK

Resminama ýatdaky (kompýuteriň esasy ýadyndaky ýa-da daşky ýatlardaky) suratly faýllary we fotosuratlary ýerleşdirmek üçin Иллюстрации toparynyň Şekil (Рисунок) düwmesi saýlanýar. Açylan **Surat ýerleşdirmek** (Вставка рисунка) gepleşik penjiresiniň kömeginde gerekli faýl belgilenýär (Paint maksatnamasynda suraty açmak mümkinçiliklerini ýada salyň). Gerekli surat faýly saýlanansoň, ony ýerleşdirmek üçin gepleşik penjiresinden **Goýmak** (Вставить) düwmesini saýlamak ýeterli.

## RESMINAMADAKY SURATYŇ FORMATYNY ÜÝTGETMEK



Resminamada surat tekst bilen utgaşmagy üçin köp halatlarda suratyň **ölçegleri** we **ýerleşiş halaty**ny, ýagny **formaty**ny üýtgetmeli bolýar. Resminama ýerleşdirilen suratyň formatyny üýtgetmek üçin ilki degişli surat syçanyň kömeginde saýlanýar. Netijede tapawutlandyrylan suratyň daşy (araçägi) çyzyk bilen çäklenýär.

Ol gönüburçluk şeklinde bolup, depeleriniň we taraplarynyň ortalarynda suratyň ölçegini üýtgetmäge mümkinçilik berýän nokatlary bar. Syçanyň görkezijisini şu nokatlardan biriniň üstüne eltip, çep düwmesi basylmak bilen käbir tarapa süýşürilse, surat kiçelýär ýa-da, tersine, ulalaýar. **Tapawutlandyrylan suratdan nusga göçürmek ýa-da ony öçürmek tapawutlandyrylan tekstleriň nusgasyny döretmek we öçürmek ýaly amala aşyrylýar.**




**Wordda surat çyzylanda ýa-da tapawutlandyrylanda maksatnamanyň Surat bilen işlemek** (Работа с рисунками) **kontekst-menýusy işeňňirleşýär.**

**Surat bilen işlemek** (Работа с рисунками) kontekst-menýusy aşakdaky logiki toparlardan ybarat:

<table>
<tr><th>Toparlar</th><th>Görnüşi</th></tr>
<tr><td>Özgerişler<br>(Изменение)</td><td>
</td></tr>
<tr><td>Suratlaryň täri<br>(Стили рисунков)</td><td>
</td></tr>
<tr><td>Tertipleşdirmek<br>(Упорядочить)</td><td>
</td></tr>
<tr><td>Ölçeg<br>(Размер)</td><td>
</td></tr>
</table>

➢ **Özgerişler** (Изменение) topary suratyň fonuna, reňk aýdyňlygyna we doýgunlygyna täsir etmäge mümkinçilik berýär.

➢ **Suratlaryň stili** (Стили рисунков) topary suratyň araçägini we görünýän stilini üýtgetmäge mümkinçilik berýär.

➢ **Tertibe salmak** (Упорядочить) topary suraty sahypada tekste we başga surata görä baglanyşyny hem-de ýerleşişini saýlamaga, suraty öwürmäge we şöhlelendirmäge, birnäçe suraty birleşdirmäge ýa-da birleşdirilen suratlary bölmäge mümkinçilik berýär. Meselem, toparyň **Tekst bilen uýgunlygy** (Обтекание текстом) düwmesi suraty tekste görä ýerleşdirmegiň aşakdaky halatlaryny syçanyň kömeginde saýlamaga mümkinçilik berýär:

| Surat **tekstiň arasynda** (В тексте) | Tekst **ramkanyň daşynda** (Вокруг рамки) | Tekst suratyň **kontury boýunça** (По контуру) | Tekst **geçip godýän** (Сквозное) |
|---|---|---|---|
| 1 2 3 4  5 6 synp | 1 2 3 4 5 6 synp  | 1 2 3  4 5 6 synp | 1 2 3  4 5 6 synp |

| Tekst suratyň **ýokarsynda we aşagynda** (Сверху и снизу) | Surat **tekstiň arkasynda** (За текстом) | Surat **tekstiň öňünde** (Перед текстом) |
|---|---|---|
|  1 2 3 4 5 6 synp |  1 2 3 4 5 6 synp | 1 2  synp |

**Tekstiň arasynda** halatynda surat tekstiň bölünmez bölegi (şrift) hökmünde ýerleşýändigini nygtamaly. Ony sahypadaky setirler boýunça tekstiň bir bölegi hökmünde süýşürmek mümkin. Galan halatlarda bolsa, surat tekstden aýry, ony sahypanyň islendik ýerine ýerleşdirmek mümkin.

➢ **Ölçeg** (Размер) topary suratyň ölçeglerini üýtgetmek, dürli şekiller görnüşinde bölegini gyrkmaga mümkinçilik berýär.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Tekstli resminamalara näme üçin surat ýerleşdirilýär?
2. Resminamalara suratlar nähili çeşmelerden ýerleşdirilýär?
3. Resminamalarda surat ýerleşdirmek gerek bolan ýer nähili görkezilýär?
4. Word tekst prosessorynda resminama surat ýerleşdirmek üçin nähili amallar ýerine ýetirilýär?
5. Word kolleksiýasyndan suraty «Архитектура» temasy boýunça gözlemegi amalda görkeziň.
6. Resminamadaky surat nähili tapawutlandyrylýar?
7. Resminamadaky suratdan nusga göçürmegi we ýerleşdirmegi amalda görkeziň.
8. Resminamadaky suraty nädip öçürmek mümkin?
9. Resminamadaky suratyň ölçegleri nähili üýtgedilýär?

## GÖNÜKMELER

1. «Meniň maşgalam» temasynda saklanan resminama her bir maşgala agzasynyň eýeleýän käri ýa-da gyzyklanýan kärine laýyk suratlary ýerleşdiriň we formatlaryny üýtgediň.
2. «Men we dostlarim» ady bilen saklanan resminama temanyň mazmunyna degişli suratlary ýerleşdiriň we formatlaryny üýtgediň.
3. Wordda aşakdaky görnüşi starlarediň we «Surat formaty» ady bilen saklaň.



4. Depderiňize «Paintde surat çekmek» atly tekst ýazyň. Tekstde Paint maksatnamasynyň mümkinçiligi, enjamlar panelindäki enjamlaryň wezipesi we olar emele getirýän şekiller görünsin. Çyzgylaryň reňkini dürlüçe saýlaň.

## 10-njy ders

# RESMINAMALARDA ŞEKILLER WE ÇYZGYLAR

Resminamanyň mazmunly we gözel bolmagy üçin tekste käte şekil ýa-da surat ýerleşdirmeli bolýar. Eger ol Word kolleksiýasynda bolmasa nätmeli? Onda siz Paint maksatnamasyndan peýdalanyp bilersiňiz. Ýöne Word maksatnamasynyň şekil we çyzgy çyzmak mümkinçilikleri hem bar bolup, ondan peýdalanmak işiňizi ep-esli ýeňilleşdirýär. Bu dersdäki ençeme amallar size Paint maksatnamasyndan mälim bolany üçin olary ýerine ýetirmek kyn bolmaýar.

*Daýanç sözler*: **şekil ýerleşdirmek, şekiliň formaty, şekilleri birleşdirmek.**

## ÇYZMAK MÜMKINÇILIKLERI

Biz öňki derslerde tekstli resminamalara suratlary ýerleşdirmäge garadyk. Çylşyrymly bolmadyk çyzgylary tekst prosessorynyň mümkinçiliklerinden peýdalanyp hem çyzmak mümkin. Bu işi **Ýerleşdirmek** (Вставка) sahypasynyň **Illýustrasiýalar** (Иллюстрации) toparyndaky **şekiller** (Фигуры) bölümi sanawynyň kömeginde ýerine ýetirmek mümkin.

Açylan sanawda aşakdaky görnüşdäki şekiller ýerleşdirmek mümkinçiligi jemlenendir:

| Ahyrky ulanylan şekiller | Çyzyklar | Gönüburçluklar |
|---|---|---|
|   |   |   |
| Esasy şekiller | Şekilli strelkalar | Formula üçin şekiller |
|   |   |   |
| Blok-shemalar | Ýyldyzlar we sahypalar | Şekilli çykarmak |
|   |   |   |

## ŞEKILI FORMATLAŞDYRMAGYŇ KÄBIR MÜMKINÇILIKLERI

MS Wordda şekil çyzylanda ýa-da tapawutlandyrylanda maksatnamanyň **Çyzmak serişdeleri-Format** (Средства рисования-Формат) kontekst-menýusy janlanýar. Eger **Çyzmak serişdeleri** kontekst-menýusy saýlansa, onda açylan sahypada size tanyş bolan **Tertibe salmak** (Упорядочить) we **Ölçeg** (Размер) toparlaryna goşmaça şekili formatlaşdyrmaga degişli aşakdaky toparlar suratlanýar:

| Toparlar | Görnüşi |
|---|---|
| **Şekil ýerleşdirmek** (Вставка фигур) |  |
| **Şekilleriň stili** (Стили фигур) |  |
| **WordArt stilleri** (Стили WordArt) |  |
| **Tekst** (Текст) |  |

**Şekil ýerleşdirmek** (Вставка фигур) toparynyň kömeginde soňky şekilleri ýerleşdirmek mümkin bolýar.

**Şekiller stili** (Стили фигур) topary şekil we onuň içinde teksti suratlanma stillerini üýtgetmek, şekiliň içini we araçägini boýamagyň dürli mümkinçiliklerini berýär.

**WordArt stili** (Стили WordArt) topary teksti peýzažly surat görnüşinde suratlanmagyna degişli mahsus tekst effektlerini ulanmaga mümkinçilik berýär.

**Tekst** (Текст) topary tekstiň şekiliň içinde ýerleşiş ugruna we wertikal dogurlanmagyna mümkinçilik berýär.

## ŞEKIL ÝERLEŞDIRMEK WE FORMATY ÜÝTGETMEK

Sahypa şekil ýerleşdirmek Paint maksatnamasy ýaly şekil saýlamak, şekili ýerleşdirmek we formatyny üýtgetmek ýaly ädimleri öz içine alýar.

Şekil ýerleşdirmek, çyzgy çyzmak we ýerleşdirilen şekil görnüşini üýtgetmegiň käbir mümkinçiliklerini aşakdaky prosesde garaýarys.

| Ýerine ýetirilýän hereketler | Netije |
|---|---|
| 1. **Şekiller** bölümi sanawyndaky **Esasy şekiller** toparyndan **Aý** (Месяц)  düwmesini saýlaýarys. | Syçanyň görkezijisi + görnüşine gelýär. |
| 2. Syçanyň görkezijisi çyzgy başlanmaly bolan nokada ugrukdyrylandan soň çep düwmesini basyp durýarys. Syçany süýşürip görkezijisini gerekli ugurda hereketlendirýäris. Çyzmagy bes etmek üçin syçanyň düwmesini goýberýäris. Şu şekili ýene 2 gezek çyzýarys (ýa-da nusgalaýarys). |  |
| 3. 1-nji we 3-nji suratlardaky aýyň suratlarynyň giňligini üýtgedýäris. Munuň üçin suratlar tapawutlandyrylanda görünýän sary romb şeklindäki markere  syçanyň görkezijisini ugrukdyryp, syçanyň çep düwmesini basyp durmak bilen 1-nji surat üçin çepe, 2-nji surat üçin saga süýşürýäris. |  |
| 4. 1-nji suraty tapawutlandyryp **Çyzmak serişdeleri-Format** kontekst-menýu sahypasynyň **şekil tärleri** logiki toparyndan **şekil effektleri** (Эффекты фигур)  düwmesini saýlaýarys. Açylan sanawyň **Relýef** (Рельеф) düwmesi sanawyndan **Burç** (Угол)  görnüşini saýlaýarys. |  |

| | |
|---|---|
| 5. Ýokardaky 4-nji bentdäki usulda 2-nji surat üçin **Ar deko** (Ар деко) , 3-nji surat üçin bolsa **Gyşarma** (Наклон) görnüşini saýlaýarys. |  |
| 6. 3-nji suraty tapawutlandyryp **Çyzmak serişdeleri - Format** kontekst-menýu sahypasyndaky **şekili örtmek** (Заливка фигуры) düwmesiniň sanawyndan **Surat** (Рисунок) düwmesini saýlaýarys. Açylan gepleşik penjiresinden käbir suraty saýlap **Goýmak** (Вставить) düwmesini saýlaýarys. |  |
| 6. 2-nji suraty tapawutlandyryp **Çyzmak serişdeleri-Format** kontekst-menýu sahypasyndaky **şekili örtmek** (Заливка фигуры) düwmesiniň sanawyndan **Tekstura** (Текстура) düwmesini saýlaýarys. Açylan sanawdan **Suw damjalary** (Водяные капли) teksturasyny saýlaýarys. |  |
| 7. 1-nji suraty tapawutlandyryp **Çyzmak serişdeleri-Format** kontekst-menýu sahypasyndaky **şekili örtmek** (Заливка фигуры) düwmesiniň sanawyndan **Gradiýent** (Градиентная) düwmesini saýlaýarys. Açylan sanawdan **Merkezden** (Из центра) düwmesini saýlaýarys. |  |

Ýerleşdirilen şekilleriň tekste görä ýerleşişi suratlardaky ýaly anyklanýar.

## ŞEKILLERI BIRLEŞDIRMEK

Sahypa ýerleşdirilen birnäçe şekilden çyzgy almak mümkin. Ýöne şekilleriň ýeri tekste görä ýerleşişine baglylykda üýtgemegi we çyzgynyň görnüşi bozulmagy mümkin. Çyzgynyň görnüşi bozulmazlygy üçin, adatda, şekiller birleşdirilip bitewi çyzgy döredilýär. Meselem, «Öý» çyzgysyny aşakdaky ýaly almak mümkin.

| | |
|---|---|
| 1.**Şekiller** bölüminiň sanawyndaky **Gönüburçluklar** toparyndan **Gönüburçluk** (Прямоугольник) düwmesini saýlaýarys we gönüburçluk çyzýarys. Bu şekil **Tekstiň üstünde** halatynda çyzylýar. |  |
| 2. **Çyzmak serişdeleri-Format** kontekst-menýu sahypasyndaky **şekil ýerleşdirmek** (Вставка фигур) logiki toparynyň **Esasy şekiller** toparyndan **Deňýanly üçburçluk** (Равнобедренный треугольник) düwmesini saýlaýarys we üçburçluk çyzýarys. Bu şekil hem **Tekstiň üstünde** halatynda çyzylýar. |  |
| 3. a) üçburçluk şekilini ýöneliş klawişleriniň ýa-da syçanyň kömeginde süýşürip gönüburçluk şekiliniň üstüne ýerleşdirýäris.<br>b) indi Şift klawişini basmak bilen syçanyň kömeginde iki şekili saýlaýarys.<br>d) **Çyzmak serişdeleri-Format** kontekst-menýu sahypasyndaky **Tertibe salmak** (Упорядочить) toparynyň **Toparlama** (Группировать) bölüminden **Toparlama** düwmesini saýlaýarys. |  |

**Şekilleri bitewi çyzgy görnüşinde birleşdirmek üçin şekilleriň tekste görä halaty tekstiň arasynda bolmaly däldir!**

## *SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR*

1. Word tekst prosessorynda şekil çyzmak üçin haýsy sahypadan peýdalanylýar?
2. Word tekst prosessorynda nähili şekilleri çyzmak mümkin?
3. Word tekst prosessorynda göni çyzyk çyzmagy, galyňlygyny, reňkini we ştrih görnüşini üýtgetmegi amalda görkeziň.
4. Word tekst prosessorynda gönüburçluk çyzmagy, boýamagy, araçäk reňkini we ştrih görnüşini üýtgetmegi amalda görkeziň.
5. Wordda owal çyzmagy we içine tekst ýazmagy, formatyny üýtgetmegi amalda görkeziň.
6. Wordda şekiliň içini boýamak usullaryny amalda görkeziň.
7. Wordda çyzgylary düşürmegiň mümkinçiligini amalda görkeziň.
8. Wordda şekiller nähili öwürilýär? Amalda görkeziň.
9. Wordda çyzgylary birleşdirmek mümkinçiligini amalda görkeziň.

## GÖNÜKMELER

1. Çyzyk we dörtburçluk çyzmak amallaryndan peýdalanyp Robotyň çyzgysyny çyzyň.
2. Çyzmak amallaryndan peýdalanyp kompýuteryň çyzgysyny çyzyň.
3. Aşakdaky görnüşdäki öýüň çyzgysyny serediň.



4. Nusgasyny döretmegiň kömeginde aşakdaky yzygiderlikde şekilleri serediň.




5. «Paintde surat çekmek» atly tekstiňizdäki şekilleri MS Word mümkinçiliginden peýdalanyp çekiň we «Paint we Word» ady bilen saklaň.
6. Depderiňize «Paint we Word mümkinçilikleri» atly sözbaşy astynda şu iki maksatnama şekil çyzmak mümkinçiliklerini deňeşdirýän jedwel serediň. Jedwele şekiller çyzyp, maksatnamalara laýyklykda çyzmak «Aňsat» we «Kyn» ýa-da «Mümkin däl» ýaly jogaplary ýazyň.

## 11-nji ders

# SURAT WE ÇYZGYLARA DEGIŞLI AMALY DERS

1. «Döwletimiziň baýdagynyň häsiýetnamasy» ady bilen saklanan resminama baýdagymyzyň suratyny (ýyldyzlarsyz) çyzyň we degişli reňkler bilen reňkläň.
2. Wordda formatlaşdyrmak mümkinçiligi täsirinde A suratdan aşakdaky jedweldäki B we G suratlary dörediň we «Surat we format» ady bilen saklaň.

| A | B | G |
|---|---|---|
|  |  |  |

3. «Kompýuter otagy» atly diňe suratdan ybarat resminama dörediň, albom sahypasy görnüşine geçiriň. Resminamada kompýuter otagynyň äpişge tarapyndaky diwar görünýän suraty Word mümkinçiliklerinden peýdalanyp çyzyň.
4. Word mümkinçiliklerinden peýdalanyp aşakdaky suratlary çyzyň.



5. Depderiňize «Jedweller» atly tekst ýazyň. Tekstiň mazmunynda özüňiz duşan (meselem, gündelik depderdäki ýa-da mekdepdäki ders jedweli, synp žurnaly) jedwel görnüşi we gysga düşündiriş bolsun. Jedweldäki setirleriň, surat ýa-da tekstleriň reňkini dürlüçe saýlaň.
6. Aşakdaky testleri derňäň we jogabyny anyklaň.

   1) Surat formatyna nämeler girýär?

   A) ölçegi; B) ýerleşiş halaty;
   D) reňki; E) ähli jogaplar dogry.

   2) Wordda suraty tekstde nähili halatlarda ýerleşdirmek mümkin?

   A) tekstiň arasynda; B) ramka daşynda;
   D) kontur boýunça; E) ähli jogaplar dogry.

   3) Wordda tömerek şekilini çyzmak üçin haýsy düwme we klawiş bilelikde ulanylýar?

   A) Owal we Ctrl ; B) Owal we Şift ;
   D) Egri çyzyk we Ctrl; E) Egri çyzyk we Şift.

## 12-nji ders
# RESMINAMALARDA JEDWEL BILEN IŞLEMEK

Amalyýetde resminamalara suratlar bilen bir hatarda jedweller hem ýerleşdirmeli bolýar. Jedwelleriň dürli-dürli bolmagy mümkin. Meselem, mekdebiňizdäki ders jedweli, gündelik depderiňiziň ýa-da synp žurnalynyň sahypasy, käbir futbol turniri jedweli we başgalar. Bu jedwelleriň görnüşi-de, mazmuny-da dürlüçe bolany bilen olaryň hemmesi mälim mukdardaky sütünlerden we setirlerden ybarat.

*Daýanç sözler*: **jedwel düşünjesi, jedwel ýerleşdirmek, jedweller üstünde amallar.**

## JEDWEL BARADA DÜŞÜNJE

Islendik jedwel ***n*** sany ***sütünden*** we ***m*** sany ***setir***den ybarat bolýar. Olar, öz gezeginde, gözeneklerden düzülýär. Jedweliň esasy elementi – bu **gözenek**. Wordda gözenegi özboluşly ***mikroresminama*** diýmek mümkin.

Gözenege tekst ýazmak, ony formatlaşdyrmak, hatda surat ýerleşdirmek hem mümkin. Mysal hökmünde Wordda döredilen aşakdaky 3 sütünli we 4 setirli, gözenekleri 12 sany (3·4=12) bolan jedweli getirýäris:

| Tertip nomeri | Suraty | Wezipesi |
|---|---|---|
| 1. |  | Üstüne harp, san we başga belgiler ýazylan klawişlerden ybarat, onuň kömeginde kompýutere dürli maglumatlar we buýruklar girizilýär. |
| 2. |  | Gurluş telewizor ekranyna meňzeş wezipäni ýerine ýetirýär, ýagny çekilýän surat, ýazylýan harplar, görülýän film onda görnüp durýar. |
| 3. |  | Kompýuteri amatly usulda dolandyrmak, käbir işleri aňsatja ýerine ýetirmek üçin niýetlenen gurluş. |

## WORDDA JEDWEL ÝERLEŞDIRMEK

Jedwel ýerleşdirmek üçin **Ýerleşdirmek** (Вставка) sahypasynyň **Jedwel** (Таблица) toparyndan **Jedwel** 

düwmesi saýlanýar. Açylan saýlaw penjiresi aşakdaky mümkinçilikleri hödürleýär:



Aýdaly, ýokardaky 3 sütünli we 4 setirli (ýagny, 3×4 jedwel) jedweli döretmek gerek bolsun. MS Wordda şu jedweliň döredilişine garaýarys.

| **Ýerine ýetirilýän hereketler** | **Görnüşi** |
|---|---|
| **1-nji usul**. **Jedwel ýerleşdirmek** (Вставка таблицы) bölüminden syçanyň görkezijisini 3 sütüniň we 4 setiriň üstünde süýşürip (tapawutlandyryp) saýlaýarys we çep düwmesini basýarys. |  |
| **2-nji usul**. **Jedwel ýerleşdirilsin** (Вставить таблицу…) düwmesini saýlaýarys. Açylan **Jedwel ýerleşdirmek** (Вставка таблицы) gepleşik penjiresinde sütün sanyny 3, setir sanyny 4 ýaly saýlaýarys. |  |

Netijede aşakdaky görnüşdäki jedwel emele gelýär:

<table>
<tr><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td></td><td></td><td></td></tr>
</table>

## WORD JEDWELINIŇ ÜSTÜNDE KÄBIR AMALLAR

1. Birinji setiriň gözeneklerine, adatda, sütünlerde ýerleşýän maglumatlar üçin sözbaşylar, birinji sütüne bolsa tertip nomerleri ýazylýar. Jedweliň gözenekleri maglumatlar bilen doldurylýar. Munuň üçin ýörgüç syçanyň kömeginde gerekli gözenege ýerleşdirilýär we zerurlyga garap **Tab** ýa-da ýöneliş klawişleriniň kömeginde başga gözeneklere geçilýär.

| Tertip nomeri | Suraty | Wezipesi |
|---|---|---|
| 1. |  | Üstüne harp, san we başga belgiler ýazylan klawişlerden ybarat, onuň kömeginde kompýutere dürli maglumatlar we buýruklar girizilýär. |
| 2. |  | Gurluş telewizor ekranyna meňzeş wezipäni ýerine ýetirýär, ýagny çekilýän surat, ýazylýan harplar, görülýän film onda görnüp durýar. |
| 3. |  | Kompýuteri amatly usulda dolandyrmak, käbir işleri aňsatja ýerine ýetirmek üçin niýetlenen gurluş. |

2. Jedweldäki maglumatlaryň göwrümine garap sütünleriň giňligi üýtgedilýär. Munuň üçin syçanyň görkezijisi sütünleriň araçäk çyzygyna eltilýär. Syçanyň görkezijisi  görnüşe gelensoň çep düwmesini basmak bilen gerekli tarapa süýşürilýär. Netijede jedwelimiz aşakdaky görnüşe gelýär:

| Tertip nomeri | Suraty | Ady | Wezipesi |
|---|---|---|---|
| 1. |  | Klawiatura | Üstüne harp, san we başga belgiler ýazylan klawişlerden ybarat, onuň kömeginde kompýutere dürli maglumatlar we buýruklar girizilýär. |
| 2. |  | Monitor | Gurluş telewizor ekranyna meňzeş wezipäni ýerine ýetirýär, ýagny çekilýän surat, ýazylýan harplar, görülýän film onda görnüp durýar. |
| 3. |  | Syçan | Kompýuteri amatly usulda dolandyrmak, käbir işleri aňsatja ýerine ýetirmek üçin niýetlenen gurluş. |

## JEDWEL BILEN IŞLEMEGIŇ KONTEKST-MENÝUSY

Jedweliň gözenegine ýörgüç ýerleşdirilensoň **Jedwel bilen işlemek** (Работа с таблицами) kontekst-menýusy işläp başlaýar. Bu kontekst-menýu 2 sany **Konstruktor** (Конструктор) we **Maket** (Макет) sahypalary bilen baglanan.

**Konstruktor** sahypasy gözenegiň içini boýamaga, jedweliň stillerini, jedweliň elementleriniň araçägine degişli özgerişleri saýlamaga, jedwel çyzmaga hem-de çyzyklary öçürmäge mümkinçilik berýär:

<table>
<tr><th>Toparlar</th><th>Görnüşi</th></tr>
<tr><td>Jedwel stilleriniň parametrleri (Параметры стилей таблиц)</td><td>
</td></tr>
<tr><td>Jedweller stili (Стили таблиц)</td><td>
</td></tr>
<tr><td>Jedweliň polýasyny çyzmak (Рисования границ)</td><td>
</td></tr>
</table>

**Maket** sahypasy **Jedwel häsiýetleri** (Свойства таблицы) gepleşik penjiresini açmaga, reňksiz gözenekleriň çyzygyny görkezmäge, jedwele setir we sütün goşmaga ýa-da öçürmäge, jedweliň gözeneklerini ýa-da setirlerini, ýa-da sütünlerini birleşdirmäge, gözenegiň ölçeglerini üýtgetmäge, gözenekleri bölmäge, gözenekdäki maglumatlary dogurlama-

ga stilini we tekstiň ýönelişini kesgitlemäge, maglumatlary saýlaşdyrmaga, jedweldäki sanly bahalaryň üstünde formula esasynda hasap-hesip işlerini ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär.

| **Jedwel**<br>(Таблица) | **Setirler we sütünler**<br>(Строки и столбцы) | **Birleşdirmek**<br>(Объединение) |
|---|---|---|
|  |  |  |
| **Gözenegiň ölçegi**<br>(Размер ячейки) | **Dogrulamak**<br>(Выранивание) | **Maglumatlar**<br>(Данные) |
|  |  |  |

Jedweliň gözeneklerindäki maglumatlary aýry ýa-da bilelikde (bloga alyp) formatlaşdyrmak mümkin. Munda maglumatyň ýerleşiş usuly, ölçegleri, çyzyk reňki we görnüşi, gözenekleriň fonunyň reňki we başgalar **Konstruktor** we **Maket** sahypalarynyň kömeginde aňsat ýerine ýetirilýär.

## *SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR*

1. Jedwele mysallar getiriň.
2. Jedweliň elementleri barada aýdyp beriň.
3. Tekstli resminamalara jedweller näme üçin ýerleşdirilýär?
4. Resminamalarda jedwel ýerleşdirmeli ýer nähili görkezilýär?
5. Wordda jedwel ýerleşdirmek usullaryny amalda görkezip beriň.
6. Resminamadaky jedwelden nädip nusga göçürilýär?
7. Resminamadaky jedweli nädip öçürmek mümkin?
8. Resminamadaky jedwel aýratynlyklary nähili üýtgedilýär?
9. Jedweliň gözenegine nämeleri ýerleşdirmek mümkin?
10. Jedweliň sütünleriniň giňligi nähili üýtgedilýär?
11. Jedweliň setirleriniň beýikligi nähili üýtgedilýär?
12. Jedweldäki maglumatlar nähili tertibe salynýar? Amalda görkeziň.
13. Jedweliň setirini, sütünini we gözenekleriniň fonuny üýtgetmegi amalda görkeziň.

## GÖNÜKMELER

1. «Meniň maşgalam» atly resminama dowamyna maşgala agzalaryňyzyň ady familiýasy we doglan ýyly baradaky maglumatlar ýazylan jedwel ýerleşdiriň. Munda:
   a) jedwele maglumatlary öň taýýarlan tekstiňizden nusga alyp ýerleşdiriň;
   b) maglumatlary familiya boýunça elipbiýiň ters tertibinde saýlaşdyryň;
   d) jedweldäki maglumatlary doglan ýyly boýunça artýan tertipde saýlaşdyryň;
   e) jedweldäki maglumatlary ýaşy boýunça kemelýän tertipde saýlaşdyryň.
2. Aşakdaky görnüşdäki jedweli dörediň:

| Tertiplenen sanaw | Tertiplenen sanaw | Markerli sanaw | Markerli sanaw |
|---|---|---|---|
| 1. Informatika<br>2. Matematika<br>3. Fizika | A) Informatika<br>B) Matematika<br>C) Fizika | • Informatika<br>• Matematika<br>• Fizika | ✓ Informatika<br>✓ Matematika<br>✓ Fizika |

3. «Kompýuter otagy» atly resminamanyň dowamyna şu otagdaky mebelleriň atlary, sany, reňkleri görünýän jedwel ýerleşdiriň. Bu jedwelden nusga göçüriň we ony mebelleriň atlary boýunça saýlaşdyryň.
4. Depderiňize «Terjimehal 2» atly resminamanyň dowamyna goşmak üçin öňki çärýekde predmetlerden alan bahalaryňyz suratlandyrylan jedwel çyzyň. Şu jedweliň ölçegindäki jedwel çyzyň we oňa predmetleriň atlary boýunça artýan tertipde saýlaşdyrylan maglumatlary ýazyň.

**13-nji ders**

# JEDWELLER ÜSTÜNDE AMALLAR

Öňki dersde Wordda resminama jedwel ýerleşdirmek, jedweliň sütünleriniň ölçegini üýtgetmek we tertibe salmak ýaly amallar bilen tanyşdyňyz. Bu dersde jedwele täze setir ýa-da sütün goşmak, setir ýa-da sütüni alyp taşlamak, jedweliň gözeneklerini birleşdirmek we tersine, jedweliň gözeneklerini kiçi gözeneklere bölmek ýaly amallary ýerine ýetirmegiň usullary bilen tanyşýarsyňyz.

*Daýanç sözler*: **jedwel, setir we sütün goşmak, setir we sütüni alyp taşlamak, gözenekleri birleşdirmek, gözenekleri bölmek.**

## JEDWELE TÄZE SETIR ÝA-DA SÜTÜN GOŞMAK

Jedwele täze setir ýa-da sütün goşmak üçin ilki ýörgüç goşulmaly bolan setire ýa-da sütüne ýanaşyk setire ýa-da sütüne ýerleşdirilýär. **Maket** menýusy sahypasynyň **Setirler we sütünler** (Строки и столбцы) toparyndan gerekli amal saýlanýar, meselem, eger setir ýörgüç ýerleşýän setirden ýokary goşulmaly bolsa, onda **Ýokary ýerleşdirilsin** (Вставить сверху) düwmesi, eger sütün ýörgüç ýerleşýän sütünden çepe goşulmaly bolsa, onda **Çepe ýerleşdirilsin** (Вставить слева) düwmesi saýlanýar.

## JEDWELDEN SETIRLER ÝA-DA SÜTÜNLERI ALYP TAŞLAMAK

Käte jedweldäki artykmaç setiri ýa-da sütüni öçürmek gerek bolýar. Ýöne adaty usulda olary öçürip bolmaýar. Şonuň üçin aşakdaky ýaly amallar ýerine ýetirilýär.

Ilki ýörgüç öçürilmeli bolan setire ýa-da sütüne ýerleşdirilýär. Eger birnäçe setir ýa-da sütün öçürilmeli bolsa, setirler ýa-da sütünler bloga alynýar. **Maket** sahypasynyň **Setirler we sütünler** (Строки и столбцы) toparyndaky **Aýyrmak** (Удалить) düwmesi sanawyndan gerekli amal saýlanýar, meselem, eger setir öçürilmeli bolsa, onda **Setirler aýrylsyn** (Удалить строки) düwmesi saýlanýar.

## JEDWELIŇ GÖZENEKLERINI BIRLEŞDIRMEK

Amaly iş prosesinde jedweliň birnäçe setirindäki we sütünindäki gönüburçluk şekilde bloga alynmagy mümkin bolan gözenekleri birleşdirmek zerur bolýar.

Gözenekleri birleşdirmek üçin aşakdaky amallar yzygider ýerine ýetirilýär:

| Ýerine ýetirilýän hereketler | Netijesi |
|---|---|
| 1. Birleşdirilmeli bolan gözenekleri bloga alýarys. |  |
| 2. **Maket** sahypasynyň **Birleşdirmek** (Объединение) toparyndaky **Gözenekler birleşdirilsin** (Объединить ячейки) düwmesi saýlanýar. |  |

## JEDWELIŇ GÖZENEKLERINI BÖLMEK

Jedweliň gözeneklerini gerekli sandaky kiçi gözeneklere bölmek aşakdaky ýaly amala aşyrylýar.

1. Ýörgüç gerekli gözenege ýerleşdirilýär ýa-da gerekli setirler we sütünler bloga alynýar.

2. **Maket** sahypasynyň **Birleşdirmek** (Объединение) toparyndaky **Gözenekler bölünsin** (Разбиение ячеек) düwmesi saýlanýar.




3. Emele gelen gepleşik penjiresine döredilmeli bolan sütünleriň we setirleriň sany girizilýär. Munda döredilmeli bolan setirleriň sany ýanaşyk sütünlerdäki setirleriň sanyndan artyk bolmaly däl we ýanaşyk sütünlerdäki setirleriň sanynyň bölüjisi bolmalydyr.

## JEDWELDÄKI TEKSTIŇ UGRY

Jedwelde tekst gorizontal ugurda çepden saga, wertikal ugurda ýokardan aşak ýa-da aşakdan ýokary ýazylmagy mümkin. Munuň üçin:

**1-nji usulda:**

1. Ýörgüç tekst ýazylýan kiçi gözenege ýerleşdirilýär.

2. **Maket** sahypasynyň **Dogrulama** (Выранивание) toparyndaky **Tekstiň ugry** (Направление текста) düwmesi gerekli ýöneliş görünýänçe birnäçe gezek saýlanýar.

**2-nji usulda:**

1. Ýörgüç tekst ýazylýan kiçi gözenege ýerleşdirilýär.

2. Syçanyň sag düwmesini basyp, ekrana **kontekst-menýu** çykarylýar.




3. Ekranda görünýän jedwele laýyk kontekst-menýudan **Tekstiň ugry** (Направление текста) amaly saýlanýar. Netijede ekranda **tekstiň ýönelişini saýlamak** gepleşik penjiresi görünýär.

4. Ekranda görünýän gepleşik penjiresinden tekstiň gerekli ýönelişi saýlanýar we **Enter** klawişi basylýar ýa-da syçanyň kömeginde **OK** düwmesi saýlanýar.

## SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. Jedweller üstünde nähili amallar ýerine ýetirilýär?
2. Jedwele täze setir ýa-da sütün goşmagy amalda görkezip beriň.
3. Jedwelden artykmaç sütün ýa-da setirler nähili alyp taşlanýar?
4. Jedwelde bloga almak usullaryny amalda görkeziň.
5. Jedweliň gözenekleri nähili birleşdirilýär?
6. Jedweliň gözeneklerini bölmegi amalda görkeziň.
7. Jedweliň gözenegindäki tekstiň ugruny üýtgetmegi amalda görkezip beriň.
8. 2 x 3 jedwel salady dörediň we sütünlerini dürli reňklerde boýaň.
9. Jedweldäki maglumatlary setirler boýunça dürli reňklerga bo‘yang.

## GÖNÜKMELER

1. «Terjimehal 2» atly resminamanyň dowamyna öňki çärýekde predmetlerden alan bahalaryňyz suratlandyrylan jedwel ýerleşdiriň.
2. Aşakdaky görnüşdäki jedwelleri dörediň.

<table>
<tr><td></td><td colspan="3"></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2"></td><td></td><td colspan="2"></td></tr>
<tr><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="2"></td><td></td><td colspan="2"></td></tr>
</table>

<table>
<tr><td rowspan="3">6-njy synp</td><td rowspan="3">MS Word</td><td colspan="2"></td><td colspan="2"></td><td rowspan="3">MS Word</td></tr>
<tr><td colspan="2">MS Word</td><td colspan="2"></td></tr>
<tr><td></td><td>6-njy synp</td><td></td><td></td></tr>
<tr><td></td><td>BMA</td><td colspan="2"></td><td colspan="2">6-njy synp</td><td>BMA</td></tr>
</table>

<table>
<tr><td rowspan="3">Tertip nomeri</td><td rowspan="3">Familiýasy, ady atasynyň ady</td><td rowspan="3">Doglan ýyly</td><td colspan="4">Reýting ballary</td><td rowspan="3">Ýyllyk ball</td><td rowspan="3">Salgysy</td><td rowspan="3">Düşündiriş</td></tr>
<tr><td colspan="2">I ýarym ýyllyk</td><td colspan="2">II ýarym ýyllyk</td></tr>
<tr><td>1-nji çärýek</td><td>2-nji çärýek</td><td>3-nji çärýek</td><td>4-nji çärýek</td></tr>
<tr><td>1.</td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
</table>

3. Depderiňize «Formulalar we aňlatmalar» sözbaşysyny ýazyň. Dowamyna berlen wagta we tezlige esasan geçilen ýoluň formulasyny, 2 deňleme, 3 deňeşdirmäge degişli aňlatma ýazyň.

## 14-nji ders
## WordART OBÝEKTI

Worddaky resminama has gözel bolar ýaly oňa söz ýa-da tekst bölegini dürli grafiki şekillerde teswirlemäge mümkinçilik berýän WordART obýektini ýerleşdirmek mümkin. Meselem, WordART obýekti referat, makalalarda at ýa-da sözbaşylar ýazanda ulanylýar.

*Daýanç sözler*: **WordART obýekti, WordART kolleksiýasy, WordART obýektiniň formaty.**

## WordART KOLLEKSIÝASY

WordArt obýekti – bu dekoratiw surat görnüşindäki tekst bolup, onuň kömeginde mahsus tekst effektlerini ulanmak mümkin. Meselem, teksti gyşartmak, süýndürmek, teksti käbir şekil görnüşinde ýerleşdirmek ýa-da teksti dürli usullarda boýamak mümkin. Tekstiň gerekli ýerine süýşürmek ýa-da ölçeglerini üýtgetmek arkaly WordArt obýektine ünsi çekmek mümkin.

Ýörgüç WordArt obýektini ýerleşdirmek gerek bolan setire ornaşdyrylansoň **Ýerleşdirmek** (Вставка) sahypasynyň **Tekst** (Текст) toparyndaky 

(WordArt**)** düwmesi saýlanýar. Açylan aşakdaky ýaly stiller sanawyndan gerek bolan stil saýlanýar, meselem, Градиентная заливка **–** черная**,** контур **–** белый, тень снаружи:




Netijede tekst girizmek üçin aşakdaky görnüşde tekst meýdany görünýär:



Boýalyp duran **tekst meýdany** ýerine gerekli tekst girizilýär. Meselem, **Ata Watan Özbegistanym! Gülle Özbegistan!** Netijede tapawutlanyp duran tekst öçüp, ýerine täze ýazylan tekst görünýär.




Emele gelen WordArt obýektine işläp başlan **Çyzmak serişdeleri-Format** (Средство рисования-Формат) kontekst-menýu sahypasy formatlaşdyrmak mümkinçiliklerini ulanmak mümkin bolýar. WordArt obýektine ýazylan tekste bolsa **Tekst ýönelişi** (Направление текста), **Tekst ölçegi** (Размер текста) we **Tekst reňki** (Цвет текста), **Boýamak usuly** (Заливка текста), tekstiň görnüş şekili ýaly formatlaşdyrmalary ulanmak ünsi çekýär.

Aşakdaky mysalda WordArt obýekti tekstiniň görnüş şekili suratlandyrylan.

1. «**Mekdebimiz – buýsanjymyz!**» tekstli WordArt obýektini ýerleşdirýäris.

**Mekdebimiz – buýsanjymyz!**

2. Tekstiň görnü şekilini üýtgedýäris. Munuň üçin **Çyzmak serişdeleri-Format** (Средство рисования-Формат) kontekst-menýu sahypasy **WordArt stilleri** (Стили WordArt**)** toparynyň **Animasiýa** (Анимация) düwmesi sanawyny açyp, aşakdaky Преобразовать düwmesi sanawyndan **Halka** (Кольцо) şekilini saýlap alýarys we ölçeglerini artdyrýarys:



Netije aşakdaky ýaly görünýär:




## *SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR*

1. WordART obýekti nähili wezipäni ýerine ýetirýär?
2. WordART obýekti nähili usullar bilen ýerleşdirilýär?
3. WordArt stilleri (Стили WordArt**)** topary nähili mümkinçilikleri berýär?
4. WordART obýekti şekilini üýtgetmegi amalda görkeziň.
5. Informatika ylmyndan referat üçin jilt taýýarlaň.
6. WordARTda taýýarlanan obýekti erkin gyşarmany amalda görkeziň.
7. WordARTda taýýarlanan obýektiň formatyny üýtgetmegi amalda görkeziň.

## *GÖNÜKMELER*

1. «Meniň Watanym – Özbegistan» atly resminamanyň dowamyna aşakdaky WordART obýektini ýerleşdiriň.




2. «WordART» atly resminama132 dörediň. Onda aşakdaky WordART obýektini 5 nusgada dörediň. Her bir nusga dürli formatlaşdyrmak usullary ulanyň.




3. Depderiňizdäki «Formulalar we aňlatmalar» sözbaşyly tekstiň dowamyna fizika predmetinden özüňiz bilýän formulalary ýazyň. Her bir formulanyň aşagyndan formulada gatnaşýan ululyklaryň düşündirişini giriziň.

## 15-nji ders

# WORDDA FORMULALAR ÝAZMAK

Matematikadan ýa-da fizikadan dersliklerińizi waraklasańyz dürli görnüşdäki ańlatmalary we formulalary görýärsińsiz. Dürli ańlatmalary we formulalary ýazmak üçin Word maksatnamasynyň formulalar redaktory diýilýän mümkinçiliginden peýdalanylýar.

*Daýanç sözler*: **formula redaktory, formula ýerleşdirmek, formulany redaktirlemek.**

## FORMULALAR REDAKTORYNY IŞE GIRIZMEK

Resminama ýörite belgileri ýerleşdirmegiň we formatlaşdyrmagyň käbir mümkinçilikleriniň kömeginde ýönekeý formulalary ýazmak mümkin. Çylşyrymlyrak formulalary ýazmak üçin **Ýerleşdirmek** (Вставка) sahypasynyň **Simwollar** (Символы) toparyndan Формула (π Формула) düwmesi berýän mümkinçiliklerden peýdalanylýar. Käbir formulany ýazmak üçin ýörgüç formula ýerleşdirilmeli bolan setire ornaşdyrylýar we Формула (π Формула) düwmesi saýlanýar. Netijede Место для формулы. suratyndaky ýaly formula üçin ýer görünýär. Menýular setirinde bolsa **Formula bilen işlemek-Konstruktor** (Работа с формулами-Конструктор) kontekst-menýusy we oňa laýyk aşakdaky sahypa görünýär:







Formulalar redaktoryndan çykmak üçin syçanyň görkezijisini iş meýdanynyň boş ýerine eltip syçanyň çep düwmesi bir gezek basylýar.

## FORMULALAR REDAKTORYNYŇ MÜMKINÇILIKLERI

Formulalar redaktorynyň mümkinçilikleri örän giňdir. Ol birnäçe topardan ybarat bolup, her bir topar ýene belli bir amal belgileri toplumyndan ybarat bölümlere bölünen. Meselem, dürli görnüşdäki **gatnaşyk** belgileri, **droblar we radikallar** belgileri, **ýaýlaryň şablonlary** şolara degişlidir:

| **Simwollar** (Символы) toparynda | **Strukturalar** (Структуры) toparynda |
|---|---|
|  |   |
| **Strukturalar** (Структуры) toparynda | **Strukturalar** (Структуры) toparynda |
|   |   |
| **Strukturalar** (Структуры) toparynda | |
|   | |

Şu amal belgilerinden peýdalanyp aşakdakylary ýazýarys (özüňiz özbaşdak ýazjak boluň):

1. $12+\frac{1}{2}\leq 13-x$  2. $\left(2\frac{3}{4}\cdot 4+5\frac{1}{6}:\frac{1}{2}-10\frac{6}{9}\right)\cdot 9$  3. $\frac{3}{4}x+\frac{1}{6}=\frac{5}{6}$

4. $\left(1\frac{3}{5}+2\frac{1}{5}\right):1\frac{9}{10}+\left(1\frac{7}{10}-\frac{4}{5}\right):\frac{3}{7}$  5. $\left(x-1\frac{8}{9}\right)+3\frac{7}{9}=4\frac{4}{9}$

Eger ýazylan formulada ýalňyşlyk bolsa, bu formula düzediş girizmek mümkin. Munuň üçin syçanyň görkezijisini ýazylan formulanyň üstüne eltip, çep düwmesi bir gezek basylýar. Netijede ýörgüç ýazylan formula görnüşiniň içine ýerleşýär, menýular setirinde bolsa **Formula bilen işlemek-Konstruktor** (Работа с формулами-Конструктор) kontekst-menýusy we oňa laýyk sahypa görünýär. Şondan soň ýörgüji gerekli ýere syçanyň ýa-da ýöneliş klawişleriniň kömeginde ýerleşdirmek we ýalňyşy düzetmek mümkin bolýar.

## *SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR*

1. Wordda formulalar nähili ýazylýar?
2. Formulalar redaktory nähili işe girizilýär ? Amalda görkeziň.
3. Formulalar redaktoryndan nähili çykylýar?
4. Formulalar redaktorynda nähili bölümler bar?
5. Formuladaky ýalňyşlygy düzemek prosesini amalda görkeziň.
6. Formula ýagdaýynda nähili hereketlenmek mümkin? Amalda görkeziň.
7. Tekstdäki formuladan nähili nusga göçürilýär? Amalda görkeziň.

## *GÖNÜKMELER*

1. «Formulalar we aňlatmalar» atly resminama dörediň. Oňa öýde taýýarlan formula, tenglama, deňsizlik, aňlatma we düşündirişleriňizi giriziň.
2. «Formulalar we aňlatmalar» atly resminamanyň dowamyna aşakdakylary ýazyň.

a) $100-56\neq 95-48$ b) $8\frac{16}{27}-\left(x-2\frac{17}{27}\right)=8\frac{5}{27}$

d) $6\frac{1}{8}:\left(14\frac{5}{12}-3\frac{13}{24}\cdot\frac{4}{7}+\left(3\frac{11}{12}-2\frac{7}{12}\right)\right)$ e) $\sum\lambda\cdot\psi\cdot\frac{1}{\nu}$

f) $\text{baha}=\begin{cases}5, & \text{eger ähli jogaplar dogry bolsa}\\ \neq 5, & \text{eger jogapda ýalňyş bolsa}\end{cases}$

3. Depderiňize «Kompýuter gurluşlary» sözbaşysyny ýazyň. Dowamyna kompýuteriň giriziş we çykyş gurluşlary barada tekst ýazyň. Teksti jedwelleriň we şekilleriň kömeginde baýlaşdyryň.

16-njy ders

# WORDDA RESMINAMANY ÇAP ETMEK

Ahyrynda, taýýar resminamany kagyza çap etmek wagty geldi. Özüňiz taýýarlan suratlara, çyzgylara we jedwellere baý resminamalary kagyzda nähili görnüşde görünýändigini görmek isleseňiz şu temany çuňňur özleşdirmelisiňiz.

*Daýanç sözler*: **resminamany çap etmek, printeriň mümkinçiligi.**

Häzirki zaman printerleri dürli usulda çap etmek mümkinçiligine eýe. Meselem, kagyzyň bir sahypasyna resminamanyň birnäçe sahypasyny çap etmek, ony buklet ýa-da kitapça şekilinde çap etmek we başgalar.

Resminamany çap etmegiň parametrlerini üýtgetmek üçin **Faýl** menýusynyň **Çap etmek** (Печать) bölümi saýlanýar. Netijede ekrana **Çap etmek** (Печать) ýagdaýy çykýar. Çap etmek ýagdaýy **Printer** (Принтер),



**Sahypalar** (Страницы), **Nusgalar** (Копии), **Masştab** (Масштаб), **Gerim** (Включить), **Çap etmek** (Напечатать) bentlerinden ybarat.

Sahypalar bendinde **ählisi** (все), **häzirki** (текущая), **tertip nomerleri** (номера) we **tapawutlandyrylan bölek** (выделенный фрагмент) görkezmeleri bolup, olardan biri syçanyň kömeginde saýlanýar.

**Ählisi** görkezmesi saýlansa, resminama dolulygyna (ähli sahypasy) çap edilýär. **Häzirki** görkezmesinde häzirki sahypa (ýörgüç duran sahypa) çap edilýär. Tertip nomeri görkezmesi saýlansa, oňa degişli penjire işläp başlaýar. Bu penjirä çap edilmeli bolan sahypalaryň tertip nomerleri ýazylýar. Meselem, oňa 1, 3, 5–12 ýazylan bolsa, birinji, üçünji hemde bäşinjiden on ikinjä çenli sahypalar çap edilýär. Tapawutlandyrylan bölek görkezmesini diňe tekstiň käbir bölegi tapawutlandyrylanda saýlamak mümkin. Munda resminamanyň tapawutlandyrylan bölegi çap edilýär.

Nusgalar bendinde **nusgalar sany** (число копий) we **nusgalar boýunça bölmek** (разобрать по копиям) görkezmeleri bar. Olar resminama näçe nusgada we nähili tertipde çap edilişini görkezýär. Meselem, käbir resminamany 3 nusgada çap etmek gerek bolsun. Onda **nusgalar sany** penjiresine 3 sifri ýazylýar. **Nusgalar boýunça bölmek** görkezmesi tapawutlandyrylan bolsa, ilki resminamanyň birinji nusgasy dolulygyna çap edilýär, soň ikinji nusgasy, soňra üçünji nusgasy çap edilýär. Eger bu görkezme tapawutlandyrylmadyk bolsa, ilki resminamanyň birinji sahypasy 3 nusgada çap edilýär, soň ikinji sahypasy 3 nusgada çap edilýär we başgalar.

Masştab bendinde kagyzyň bir sahypasyna resminamanyň näçe sahypasy çap edilişi görkezilýär. Munuň üçin **listdäki sahypalar sany** (число страниц на листе) penjiresinde teklip edilen 1 sahypa (1 страница), 2 sahypa (2 страницы), 4 sahypa (4 страницы) we başga görkezmelerden biri saýlanýar.

Gerim bendinde **ähli sahypalar** (Все страницы диапазона), **täk tertip nomerli sahypalar** (Нечетные страницы), **jübüt tertip nomerli sahypalar** (Четные страницы) görkezmelerinden biri saýlanýar. **Ähli sahypalar** görkezmesi saýlansa, resminama ýa-da onuň tapawutlandyrylan bölegi dolulygyna çap edilýär. **Täk tertip nomerli sahypalar** görkezmesi saýlansa, resminamanyň diňe täk tertip nomerli sahypalary çap edilýär. **Jübüt tertip nomerli sahypalar** görkezmesi saýlansa, resminamanyň diňe jübüt tertip nomerli sahypalary çap edilýär.

Printer bendinde printer barada maglumat hem-de **Aýratynlyklar** (Свойства) düwmesi bar. Syçanyň kömeginde **Aýratynlyklar** düwmesi basylsa, ekranda printeriň aýratynlyklary ýagdaýy açylýar. Printerleriň görnüşine garap olaryň aýratynlyklary hem dürli bolýandygyny nygtamak gerek. Şoňa görä aýratynlyklar ýagdaýynyň görnüşi we ondaky maglumatlar hem dürlüçe bolýar.

Printerler dürli-dürli aýratynlyklara eýe bolup, aşakda biz olaryň resminamany kitapça şeklinde çap etmek aýratynlygy bilen tanyşýarys. Hemme printerler hem şeýle aýratynlyga eýe däldigini bellemek gerek. Şu sebäpli kitapça şeklinde çap etmek aýratynlygyny **«HP LaserJet 1300»** kysymly printeriň mysalynda garaýarys. Bu printeriň aýratynlyklary ýagdaýy aşakdaky suratda getirilen. Ýagdaý birnäçe bölümden ybarat bolup, resminamany kitapça şeklinde çap etmek üçin **Jemleýji işläp taýýarlamak** (Оконч. обработка) bölümine girilýär.

Ondaky **Resminama parametrleri** (Параметры документа) bendinden **Iki tarapyna çap etmek** (Печать на обоих сторонах) görkezmesi



saýlanýar. Buklet maketinde (Макет буклета) teklip edilen görkezmelerden **Çep tarapdan jiltlemek** (Переплет по левому краю) görkezmesi saýlanýar. OK düwmesi basylsa, ýene Çap etmek ýagdaýyna daýdylýar. Bu ýagdaýdaky OK düwmesi basylsa, resminama çap edilip başlaýar. Ilki resminamanyň bir bölegi (ýarysy) kagyzyň bir tarapyna çap edilýär. Çap edilen kagyzlaryň tertibini bozmazdan ýene printere ýerleşdirilse, resminamanyň galan bölegi kagyzyň arka tarapyna çap edilýär. Çap edip bolan kagyz listlerini dorulap, iki epleseňiz kitapça emele gelýär.

Resminamany kitapça şeklinde çap edende zerurlyga garap, sag tarapdan ýa-da ýokardan jiltlemek hem mümkin. Munuň üçin buklet maketinde degişli görkezme saýlanýar.

## *SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR*

1. Haýsy düwmäniň kömeginde resminamany çap etmek mümkin?
2. Resminamanyň häzirki sahypasyny çap etmek nähili amala aşyrylýar?
3. Resminamanyň yzygider gelmedik birnäçe sahypasyny bir gezekde çap etmek mümkinmi?
4. Resminamanyň diňe tapawutlandyrylan bölegini çap etmek nähili amala aşyrylýar?
5. Resminamanyň diňe jübüt ýa-da täk tertip nomerli sahypalaryny çap etmek nähili amala aşyrylýar?
6. Resminamany 5 nusgada çap etmek üçin nähili amallary ýerine ýetirmeli?
7. Resminamany kitap şeklinde çap etmek üçin ýerine ýetirilýän amallaryň yzygiderligini aýdyp beriň.

## *GÖNÜKMELER*

1. Aşakdaky resminamalardan birini 2 nusgada çap ediň.
   a) «Meniň Watanym – Özbegistan»;
   b) «Meniň maşgalam»;
   d) «Terjimehal 2».
2. Iki sahypaly käbir resminamany iki taraplaýyn çap etmek usulyndan peýdalanyp kagyzyň iki tarapyna çykaryň.
3. Bilimiňizi gaýtalamak we berkitmek üçin ýylyň dowamynda alan maglumatlaryňyzy Word maksatnamasy berýän mümkinçilikleri (jedweller, tekstleriň dürli görnüşleri, çyzgylar we başgalar) görnüşinde depderiňizde suratlandyryň.

17-nji ders

# GAÝTALAMAGA DEGIŞLI ÝUMUŞLAR

Eziz okuwçylar! Ýylyň dowamynda amaly iş prosesinde örän giň ulanylýan tekst prosessory bilen işlediňiz. Indi geçen döwrüň dowamynda alan bilimleriňiz we amaly endikleriňizi synap görmegiň wagty geldi.

Aşakda getirilen soraglara jogap beriň.

1. Tekst redaktorlary we tekst prosessorlary nämesi bilen tapawutlanýar?
2. Nähili tekst redaktorlaryny bilýärsiňiz?
3. Nähili tekst prosessorlaryny bilýärsiňiz?
4. Tekst prosessorlary nähili mümkinçiliklerga eýe?
5. Resminama redaktirlenenden soň ol nähili saklanýar?
6. Blok diýende nämäni düşünýärsiňiz?
7. Tekstde tapawutlandyrylan käbir bölek nähili atlandyrylýar?
8. Tekstdäki artykmaç belgiler nähili öçürilýär?
9. Tekstdäki birnäçe setirler nähili öçürilýär?
10. Word tekst prosessorynda çyzylan dörtburçlugyň içki bölegini boýamak nähili amala aşyrylýar?
11. Word tekst prosessorynda çyzylan owal şekiliniň çyzygyny we içki bölegini boýamak üçin nähili amallar ýerine ýetirilýär?

Aşakda getirilen ýumuşlary ýerine ýetiriň.

1. Tekstdäki käbir sözi ýa-da setiri başga setire göçürmek prosesini mysallarda görkeziň.
2. Tekstiň tapawutlandyrylan böleginden nusga göçürmegi mysallaryň kömeginde düşündiriň.
3. Tekstiň tapawutlandyrylan bölegini formatlaşdyrmagy mysallaryň kömeginde düşündirip beriň.
4. Resminamada kompýuter otagynyň bir diwarynyň enjamlanyşyny Word mümkinçiliklerinden peýdalanyp suratlandyryň.
5. Tebigat görnüşini suratlandyrýan surat çekiň.
6. Word mümkinçiliklerinden peýdalanyp aşakdaky resminamany taýýarlaň.

1-nji ýumuş.




2-nji ýumuş.



## MAZMUNY

Sözbaşy ........................................................................................................ 3
1-nji ders. Tekst redaktorlary ......................................................................... 4
2-nji ders. MS Word tekst prosessorynyň interfeýsi .......................................... 8
3-nji ders. Resminama döretmek we saklamak.................................................. 14
4-nji ders. Wordda tekst ýazmagyň kadalary.................................................... 19
5-nji ders. Resminamalaryň esasy parametrleri ................................................ 24
6-njy ders. Resminamalary redaktirlemek.......................................................... 30
7-nji ders. Resminamany formatlaşdyrmak......................................................... 35
8-nji ders. Resminamany redaktirlemäge we formatlaşdyrmaga degişli gönükmeler................................................................................................... 40
9-njy ders. Resminamalarda suratlar bilen işlemek ........................................... 42
10-njy ders. Resminamalarda şekiller we çyzgylar ........................................... 48
11-nji ders. Surat we çyzgylara degişli amaly sapak......................................... 54
12-nji ders. Resminamalarda jedweller bilen işlemek ....................................... 55
13-nji ders. Jedweller üstünde amallar............................................................... 61
14-nji ders. WordART obýekti............................................................................ 65
15-nji ders. Wordda formulalar ýazmak ........................................................... 69
16-njy ders. Wordda resminamany çap etmek................................................... 72
17-nji ders. Gaýtalamaga degişli ýumuşlar....................................................... 76

I-74 **Informatika we informasion tehnologiýalar:** umumy orta bilim berýän mekdepleriň 6-njy synp okuwçylary üçin derslik/ B. Boltaýew, M. Mahkamow, A. Azamatow, S. Rahmankulowa. – D.: «O‘zbekiston» NÇDÖ, 2017. – 80 s.

I. Boltaýew B.

ISBN 978-9943-01-447-3

UO‘K 004(075)
KBK 32-81

*O‘quv nashri*

**Bahodir Boltayev, Muxtor Mahkamov,**
**Axat Azamatov, Sayyora Rahmonqulova**

# INFORMATIKA
## VA
## AXBOROT TEXNOLOGIYALARI

*Ta’lim turkman tilida olib boriladigan umumiy o‘rta ta’lim maktablarining 6-sinf o‘quvchilari uchun darslik*

*Qayta ishlangan, to‘ldirilgan uchinchi nashri*

Terjime eden *J. Metýakubow*
Redaktor *K. Hallyýew*
Çeper redaktor *H. Kutlukow*
Tehredaktor *B. Karimow*
Korrektor *K. Hallyýew*
Sahaplaýjy *F. Hasanowa*

Neşirýat lisenziýasy AI № 158. 14.08.09.
Çap etmäge 2017-nji ýylyň 30-nji iýunynda rugsat edildi. Ofset kagyzy.
Möçberi $70\times100^{1}/_{16}$. «Tayms» garniturasynda ofset çap ediliş usulynda çap edildi.
Kegli 12; 10. Şertli çap listi 6,5. Neşir listi 6,43.
986 nusgada çap edildi. Buýurma №17-283.

Özbegistanyò Metbugat we habar agentliginiň
«O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýi.100011, Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.
Telefon: (371) 244-87-55, 244-87-20. Faks: (371) 244-37-81, 244-38-10.
*e-mail: uzbekistan@iptd-uzbekistan.uz,*
www.*iptd-uzbekistan.uz*

## Dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| № | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | | | |
| 2. | | | | | | |
| 3. | | | | | | |
| 4. | | | | | | |
| 5. | | | | | | |
| 6. | | | | | | |

**Derslik ulanmaga berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokarky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň ilkinji gezek peýdalanylmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Kitabyň daşy bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Hemme sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazylan, çyzylan ýeri ýok. |
| **Kanagat-lanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary ýyrtylan, dersligiň esasy böleginden aýrylan sahypalary bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly ýagdaýda abatlanylypdyr. Kitabyň gopan sahypalary abatlanan. Käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagat-lanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan, ýyrtylan, esasy böleginden aýrylypdyr ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanypdyr. Sahypalary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

**Informatika we informasion tehnologiýalar:** umumy orta bilim berýän mekdepleriň 6-njy synp okuwçylary üçin derslik/ B. Boltaýew, M. Mahkamow, A. Azamatow, S. Rahmankulowa. – D.: «O‘zbekiston» NÇDÖ, 2017. – 80 s.

I-74

I. Boltaýew B.

ISBN 978-9943-01-447-3

UO‘K 004(075)
KBK 32-81

*O‘quv nashri*

**Bahodir Boltayev, Muxtor Mahkamov,**
**Axat Azamatov, Sayyora Rahmonqulova**

# INFORMATIKA
# VA
# AXBOROT TEXNOLOGIYALARI

*Ta’lim turkman tilida olib boriladigan umumiy o‘rta ta’lim maktablarining 6-sinf o‘quvchilari uchun darslik*

*Qayta ishlangan, to‘ldirilgan uchinchi nashri*

Terjime eden *J. Metýakubow*
Redaktor *K. Hallyýew*
Çeper redaktor *H. Kutlukow*
Tehredaktor *B. Karimow*
Korrektor *K. Hallyýew*
Sahaplaýjy *F. Hasanowa*

Neşirýat lisenziýasy AI № 158. 14.08.09.
Çap etmäge 2017-nji ýylyň 30-njy iýunynda rugsat edildi. Ofset kagyzy.
Möçberi 70×100 $^{1}/_{16}$. «Tayms» garniturasynda ofset çap ediliş usulynda çap edildi.
Kegli 12; 10. Şertli çap listi 6,5. Neşir listi 6,43.
161 nusgada çap edildi. Buýurma №17-284.

Özbegistanyò Metbugat we habar agentliginiň
«O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýi.100011, Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.
Telefon: (371) 244-87-55, 244-87-20. Faks: (371) 244-37-81, 244-38-10.
*e-mail: uzbekistan@iptd-uzbekistan.uz,*
www.*iptd-uzbekistan.uz*